GURBANBERDI WELBEGOW,
GÜLBAHAR ABDULLAÝEWA, KAMILJAN HALLYÝEW

# OKUW KITABY

Umumy orta bilim berýän mekdepleriň
1-nji synpy üçin derslik

*Özbegistan Respublikasynyň Halk bilimi ministrligi tarapyndan neşire hödürlenen*

**Dokuzynjy neşir**




«O'ZBEKISTON» NEŞIRÝAT-ÇAPHANA DÖREDIJILIK ÖÝI
DAŞKENT – 2019

http://eduportal.uz

UO‘K 811.512.164(075)
372.41(075)
KBK 81.2Tur-93
W36

S y n ý a z a n l a r:

**A. Arazow** – NDPI mugallymy, filologiýa ylymlarynyň kandidaty.
**D. Saryýewa** – Dörtköl tümenindäki 7-nji mekdebiň başlangyç synp mugallymasy.

## Şertli belgiler:

 – Soraglar

 – Ýumuşlar

 – Dersiň soňy

**Respublikanyň ýörite kitap gaznasynyň serişdeleriniň hasabyndan çap edildi.**

ISBN 978-9943-01-733-7

© G. Welbegow we başg., 2017–2019
© «O‘ZBEKISTON» NÇDÖ, 2011–2019

http://eduportal.uz

# ÖZBEGISTAN – MENIŇ WATANYM

Özbegistan Respublikasynyň paýtagty – Daşkent şäheridir. Biziň Watanymyzda dürli milletler agzybir ýaşaýarlar. Özbegistanyň abraýy günden-günden artýar. Ýurdumyzyň şäherleri we obalary barha abadanlaşýar.






http://eduportal.uz



## Baýdak

Bu Özbegistanyň baýdagy. Ol biziň watanymyzyň döwlet nyşanydyr. Ondaky mawy reňk asmany, ak reňk ýagşylygy, ýaşyl reňk bolsa gözel tebigaty aňladýar.

Hany çagalar! Üns beriň!
Baýdagymyzda ýene nämeler bar?
Şolar barada ululardan sorap biliň.
Aşakdaky goşgyny okaň.

Asmandaky ýyldyzlar,
Baýdagmyzyň belgisi.
Garaşsyzlyk nyşany Aý,
Özbaşdaklyk belgisi.



http://eduportal.uz




## Gerb

Bu Özbegistanyň gerbi. Ol biziň watanymyzyň döwlet nyşanydyr.

Goşgyny okaň:

Gerbimizde daglar bar,
Derýalar bar, baglar bar.
Sag tarapy bugdaýzar,
Çep tarapy pagtazar.

Baýdagy bar, gerbi bar,
Erkana Özbegistan.
Waspyň aýan ederis,
Mähriban Özbegistan.



http://eduportal.uz

## Meniň Watanym

Säherler oýanyp,
Bilbil sesine,
Bakýan Watanymyň
Belent-pesine.

Bir ýanym mes kanal,
Bir ýanym sähra,
Topragymda müňläp
Ir-iýmiş ösýär.

Ýüzümi ýelpeýär,
Mylaýym ýeller,
Ýelleri ýelpeýär
Al-elwan güller.

Durmuşymyz aýdyň,
Güneşden, nurdan,
Bu meniň Watanym,
Bu meniň ýurdum!

N. Baýramow

**Goşgyny ýat tutuň.**

http://eduportal.uz



**Suraty atlandyryň. Gahrymanlara at beriň we kiçi hekaýa düziň.**

## Esger agama



Aga sag boluň,
Wagty hoş boluň.
Ýaýnap geziň,
Azat watanda!

Postda duruň,
Ýurdy goraň.
Ýüz ýyl ýaşaň,
Azat Watanda!

Ybrahym Danyş

**Sorag:**

14-nji ýanwar nähili baýramçylyk?

**Ýumuş:**

Watan goragçylaryny ýatlap, özüňiziň ýaşaýan ýeriňizdäki gahrymanlar barada bilip geliň.

## Ýaňyltmaç

Bahadyr baýdagy Batyra berdimi,
Batyr Bahadyra baýdagy berdimi?



http://eduportal.uz

# GYŞ PASLYNDA

## Gyş

Güýz paslyndan soň gyş pasly gelýär. Gyş paslynda howa sowuk bolýar. Suwlar doňýar. Gar kän ýagýar. Gyş paslyna dekabr, ýanwar, fewral aýlary degişlidir.

Gyşda adamlar ýyly egin-eşik geýýärler. Öýlerde peç gurup, ot ýakýarlar.

Çagalar gyşda gar togalaýarlar. Buzda taýyp oýnaýarlar.



http://eduportal.uz

## Aýazly gün

Gün gyzaryp äleme
Salam berip doganda,
Diýdik: «Howa maýyl bor,
Hezillik bor bu gün-de».

Arman, bu gün aldandyk,
Boldy bar zat tersine.
Aýaz gelip, agaçlaň,
Haýbat atdy hersine.

Sürçek etdi, doňdurdy,
Düýnki bulduň garyny,
Penjireleň ýüzüne,
Çekdi surat baryny...

I. Nuryýew

**Soraglar:**

**1.** Gyş pasly haýsy pasyldan soň gelýär?
**2.** Gyşda howa nähili bolýar?



http://eduportal.uz

3. Gyşda adamlar näme edýärler?
4. Gyşda sen näme bilen meşgullanýarsyň?

## Biler bolsaňyz ...

Ot ýanýan pejiň turbasyndan tüsse dim-dik ýokary göterilýän bolsa, onda howa mylaýym boljakdyr.

Eger tüsse ýokary göterilmän, çykan ýerinde ýaýrap gitse, howa bulaşjakdyr.

## Halk ýorgudy

Kepderiler «Gu-gu»-laşsalar, açyk howa boljagynyň alamatydyr. Gargalar çüňküni ganatynyň aşagyna sokup otursalar, aýazly howa bolýar.

Gyşyna gargalar gagyldaşsalar, gar ýagjagyny habar berdigidir.

## Ýadyňyzda saklaň:

Guşlara däne, günebakar, garpyzdyr gawunyň, kädiniň çigitlerini berseň bol-

http://eduportal.uz

ýar. Çigitleri döwüp berseň, has gowy.

Ýadyňyzda bolsun: guşlara gowrulan çigidi, gara çöregiň galyndysyny bermeli däl. Bular guşlar üçin zyýanlydyr.

## Soraglar:

1. Haýsy guşlar biziň ýurdumyzda gyşlaýarlar?
2. Ýyly ýurtlara uçup gidýän guşlaryň atlaryny sözlük depderiňize ýazyň.
3. Guşlaryň gyşky ýaşaýşy barada ýene nämeleri aýdyp biljek?

## Tema degişli soraglar:

1. Gyş paslyna haýsy aýlar degişli?
2. Gyşda howa nähili bolýar?
3. Gyşda haýwanlaryň we guşlaryň ýagdaýy nähili?

http://eduportal.uz

## Bölüme degişli gaýtalamak

Öýjüklere çekimli harplary goýup, doldursaňyz dostluk hakyndaky bir nakyly okarsyňyz.

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | D | | s | t | |
| D | | s | t | | ň |
| | ý | n | | s | |

### Sorag we ýumuşlar:

1. Meniň Watanym goşgusyny ýatdan aýdyp beriň.
2. Gyşda tebigatda nähili özgerişler bolup geçýär?
3. Özbegistan Respublikasynyň Döwlet nyşanlaryny suratlandyrýan goşgulary ýatdan aýdyp beriň.

http://eduportal.uz

# KITAP – BILIM ÇEŞMESIDIR

## Mekdebe barýan

Golumda kitap,
Kitaby söýdüm.
Mekdebiň ady
Dilimde aýdym.

Mekdebiň ýoly-
Arzuwmyň ýoly
Mekdebiň ýoly-
Şatlykdan doly.

Nury Baýramow.

**Goşgyny ýat tutuň.**

Biz näme üçin kitaby söýýäris?
Sen haýsy kitaplary okadyň?

http://eduportal.uz

# Internet



Internet – bu alymlaryň iň uly açyşlaryndan biridir. Köp adamlar ondan peýdalanýar.

Elektron poçta – Internetiň peýdaly funksiýalaryndan biri. Siz hat üçin pul tölemeýärsiňiz, emma tanyşlaryňyza hat ýazyp bilersiňiz.

Internet arkaly islendik maglumaty tapyp bilersiňiz.

## Soraglar:

**1.** Siziň öýüňizde internet barmy?
**2.** Sen internetde işläp bilýärmiň?



http://eduportal.uz

## Mugallym sözi

Mugallymyň sözi – Watanyň sözi.
Ol söze ýerleşýär dünýä dek mazmun.
Mugallymyň sözi kanun mekdepde,
Mugallymyň sözi öýde-de kanun.

«Mugallymym şeý diýdi!» diýer çagalar.
Mugallym diýdimi kesiler jedel.
Mugallymyň aýdan sözün gaýtalap,
Agalar daň bilen mekdebe gider.

Mugallymyň aýdan sözün gaýtalap,
Çagalar ýene-de mekdepden gaýdar...
Onsoň çagalar hem mugallym bolup,
Ol sözi Geljekki nesle aýdar.

Ýaşar, işlär ýörer mugallym sözi.
Mugallymyň sözi – Watana ömür.
Şeýdip mugallymyň aýan sözüni
Asyrdan asyra äkider döwür.

**Goşgyny labyzly okaň.**

http://eduportal.uz

Goşguda mugallym barada näme diýilýär?
«Halypa – atańdan uly» diýen nakyla nähili düşünýärsiňiz?

## Biziň mekdep kitaphanamyz



Surat esasynda kiçi hekaýa düzüň

# DANA BABALARYMYZ



## Emir Temur

Emir Temur beýik şäher döredipdir. Ol mert we akyldar bolupdyr. Temur babamyz ylmy, medeniýeti ösdürmäge giň ýol açypdyr.

Emir Temur hemişe «Güýç adalatda» diýen dana sözlerine amal edipdir.

Emir Temur babamyzyň işini Mürze Ulugbek, Babyr Mürze ýaly beýik adamlar dowam etdiripdir.

## Emir Temur hakynda rowaýat

Nobatdaky ýörişden öň Garabagda çadyr gurup durup galdyk. Harby maşk wagtynda meýdanda bolduk. Yza

http://eduportal.uz

gaýtjak bolanda görsek Emir Temuryň çadyrynda iki sany kepderi girip, oturgyçda hin gurupdyr. Olaryň biri ýumurtga basyp ýatyrdy. Kepderilere azar bermezlik üçin ol başga bir çadyra girdi. Yza gaýtmaly bolanda dört sany nökeri galdyryp şeýle diýdi:

– Guşlar kötenek çykaryp, uçurym bolýança şu ýerde bolarsyňyz. Soňra çadyry ýygnap, yzymyzdan bararsyňyz.

(Emir Temur hakyndaky rowaýatlardan)

**Soraglar:**

1. Emir Temur çadyra girende nämäniň şaýady boldy?
2. Emir Temur bu guşlara nähili ýagşylyk etdi?

## Emir Temuryň nesihatlary

**1.** Dostluk hakynda:

- Dostuň ýagşysyny ýaman günde syna.
- Hakyky we wepaly dost dostuny ynjytmaýar.



http://eduportal.uz

- Güýç agzybirlikde.

**2.** Adalat hakynda:

- Güýç adalatda.
- Günäň bolmasa ant içme.
- Gorkmasaň, duşmanyň gaçar.
- Pyçak direse-de, dogryňy aýt.
- Batyr jeňde biliner.
  Dana – maslahatda.
- Bir taýagy döwmek bolar.
  Köp taýagy egip hem bolmaz.
- Boljak adam ýaşlygyndan baş bolar.
  Bolmaz adam kyrkynda hem ýaş bolar.

## Soraglar:

**1.** Siz kimi dost diýip bilýärsiňiz?
**2.** Dogry sözlemek diýende nämä düşünýärsiňiz?
**3.** Emir Temuryň ýene haýsy temalarda ýazyp galgyran nesihatlaryny bilýärsiňiz?

http://eduportal.uz



## Mürze Ulugbek

Mürze Ulugbek hem patyşa, hem alym bolupdyr. Ol Emir Temuryň nebe-resi bolupdyr.

Kyrk ýyl patyşa bolan döwründe köp sogap işleri edipdir. Samarkantda asman jisimlerini öwrenýän esbap gurupdyr. Ol ýerden aý we ýyldyzlara syn edipdir.

Şonuň üçin hem oňa beýik münejjim, alym we şa diýipdirler.

### Soraglar:

1. Mürze Ulugbek kim bolupdyr?
2. Ulugbek babamyzyň eden işlerini sanap beriň.

http://eduportal.uz



# Abu Ali Ibn Sina

Ibn Sina babamyz meşhur hekim we alym bolupdyr. Onuň hakyky ady Hüseýin bolupdyr. Ýaşlygyndan okamaga höwesli bolupdyr. Örän köp kitap okapdyr. Ol bize örän köp kitap ýazyp galdyrypdyr.

Ibn Sina emleýän kesellerine şeýle diýipdir: «Biz üç tarap – men, sen we kesellik. Eger sen men tarapa geçseň, ol ýeňiler. Eger ol tarapa geçseň, ikiňizi ýeňmek kyn bolar.»

## Soraglar:

1. Ibn Sina kim bolupdyr?
2. Ol kesellere näme diýipdir?

http://eduportal.uz



## Alyşir Nowaýy

Babamyz Alyşir Nowaýy beýik şahyr, alym we döwlet işgäri bolupdyr.

Bäş-alty ýaşlarynda birnäçe goşgulary ýatdan bilipdir.

Babamyz bize örän köp eserler ýazyp galdyrypdyr. Ol beýik şahyr bolupdyr.

## Alyşiriň ýaşlygy

Keýik Alyşiri ysgady. Erkelenip süýkendi.

– Seni tanaýan eken, özüňe öwrenişdiripsiň – diýdi, oglanlardan biri.



http://eduportal.uz



– Dogry – diýdi, çagalardan biri.

– Daýym çöle gidende getirip berdi – diýdi, Alyşir.

– Örän gözel ekeni! Eti hem mazalydyr-a? Men ulalsam awçy boljak.

– Aw etmek, mergenlik – güýmenjedir.

Emma iň zerur zat mekdepdir. Durmuşyň köp syrlaryny mekdep öwredýär – diýdi, Alyşir.

## Soraglar:

1. Alyşire keýigi kim getirip berdi?
2. Alyşiriň dosty kim bolmagy arzuw edipdir?
3. Alyşir durmuşda iň zerur zat näme diýipdir?

http://eduportal.uz

## Alyşir Nowaýynyň dana sözleri

Bilmedigini sorap öwrenen alym, öwrenip soramadyk özüne zalym.

* * *

Az-az öwrenip dana bolur, damja-damja ýygnalyp derýa bolur.

* * *

Nirä barsaň-da, dürli ylymlary yhlas bilen öwren. Bilimleri ýatda saklamagy endik edin!

### Sorag we ýumuşlar:

1. Alyşir Nowaýy hakynda nämeleri öwrendiňiz?
2. Alyşir Nowaýynyň aýdan dana sözlerini ýat tutuň.
3. Öz bilýän dana sözleriňizi aýdyň.

## Nakyllar

Akyl ýaşda däl – başda.

Köp okan – köp biler.



http://eduportal.uz

# Nanyň ysy

(Rowaýat)

Günlerde bir gün Hüseýin Baýkara:

– Dünýädäki iň hoşboý ysly zady alyp geliň – diýipdir. Oňa gujak-gujak gül alyp getiripdirler Soltan:

– Ýok, – diýipdir.

Wezirleri näme etjegini bilmän, köp oýlanypdyrlar. Ahyrda Alyşir Nowaýynyň ýanyna barypdyrlar.

Nowaýy bir sebet nan alyp, saraýa barypdyr. Saraýyň içinde nanyň hoşboý ysy ýaýrapdyr.

– Sag bol, dostum, – diýdi. Hüseýin Baýkara nany görüp, – täze bişen nanyň ysyny küýsäpdim diýýär.

## Soraglar:

1. Hüseýin Baýkara näme getirmegi buýurdy?
2. Wezirler kimden kömek sorapdyr?
3. Nowaýy saraýa näme alyp bardy?

http://eduportal.uz



## Magtymguly Pyragy

Magtymguly – Pyragy beýik akyldar, öwüt-nesihatçy şahyr bolupdyr.

Magtymguly öz ýurduny, halkyny tüýs ýürekden söýüpdir. Ol bütin ömrüni öz Watanyna, halkyna bagyşlapdyr. Şahyr goşgularynda il-ýurdy tüýs ýürekden söýmegi, oňa hemişe wepaly bolmagy, dönüklik etmezligi ündäpdir.

Akyldar şahyr durmuşda adamlaryň mert, batyr, akylly-başly, dosta wepaly, eli hünärli bolmaklaryny isläpdir. Ol öz goşgularynda iň gowy däp-dessurlar, dostluk, myhmanparazlyk, dogruçyllyk, zähmetsöýerlilik ýaly ajaýyp duýgulary wasp edipdir.



http://eduportal.uz

Türkmen halky we ähli ýurtlaryň halklary beýik Magtymgula uly hormat goýýarlar.

Ýagşy gylyk duşmanyňy dost eýlär,
Gylygyň bet bolsa işiň jeň bolar.

**Soraglar:**

1. Magtymguly kim bolupdyr?
2. Ol öz goşgularynda nämeleri wasp edipdir?
3. Magtymgulynyň goşgusyny ýatdan bilýärmiň?

## Magtymgulynyň öwüt-nesihatlaryndan

Söz manysyn aňmaz adam,
Bir guýruksyz ite meňzär.

Sözläbilseň ýagşy sözle,
Halk ýamanyň bizarydyr.

Akyl bolsaň söz aýtmagyl,
Nobat berilmegen ýerde.

http://eduportal.uz

## Bölüme degişli gaýtalamak

**1.** Beýik babalarymyzdan kimler hakynda öwrendiňiz?

**2.** Emir Temur babamyz nähili nesihat edipdir?

**3.** Mürze Ulugbek nähili işleri amala aşyrypdyr?

**4.** Abu Ali ibn Sina kim bolupdyr?

**5.** Alyşir Nowaýy barada aýdyp beriň.

**6.** Haýsy hekaýada keýik hakynda gürrüň berilýär?

**7.** Magtymgulynyň goşgularynda nämeler wasp edilipdir?

**8.** Magtymgulynyň goşgularyndan ýat tutuň.

## Nakyllar

El eli ýuwar, iki el birigip – ýüzi.

Ýurduňy terk ediji bolma.

**Nakyllary okaň we ýat tutuň**

http://eduportal.uz

# BAHAR GELDI ÜLKÄME



## Ýaz geldi

Ýag, ýaganagym
Ýag, ýaganagym!
Guý, guýanagym!

Ös, saçym ös
Ösmeseň, bes,
Atyma duşak,
Bilime guşak.

**Goşgyny ýat tutuň.**

## Ýaňyltmaç

O tekjede mäş bar, bu tekjede daş bar, mäşleşseň mäşleşjek, daşlaşsaň daşlaşjak.

**Soraglar:**

1. Baharda tebigatda nähili özgerişler bolup geçýär?
2. Baharda nähili baýramlar bolýar?
3. Bahar barada goşgy ýatlaň.



http://eduportal.uz

## Gyş bilen hoşlaşyk

Barha-barha azalyp
Gyşyň gazap-gahary.
Tebigat oň ýerine
Alyp gelýär bahary.

Gargalar gagyldaşyp,
Gyşy sürüp barýarlar,
Torgaýlar göge galyp,
Ýaz gelýänin görýärler.

Garda ýuwulan baglaň
Pyntyklary ýaryldy.
Ýylaklar pyşyrdaşýar:
«Heýjanelek! Ýaz geldi!»

Bütin meýdan, dag-düzler
«Ýaz geldi» diýip seslenýär.
Hoş gal, gyş! Hoş, mähriban!
Indi bahar isleýär!

N. Baýramow

«Gyş bilen hoşlaşyp» goşgusyndaky sözlerden peýdalanyp, öýjükleri doldu-ryň.



http://eduportal.uz




## Obada

Pyntyklady agaçlar,
Indi howa-da ýyly.
Uçup geldi bar guşlar,
Köpeldi meýdan güli.

Düýbi depilip kemsiz,
Çyrpylandyr bar üzüm.
Göm-gökje öwsüp ugran
Otlara düşýär gözüň.

Enemiň towuklary
Işdämen çokýar oty.
Günsaýyn görke gelýär,
Obanyň tebigaty.

P. Öwezliýew

http://eduportal.uz

**Goşgyny labyzly okaň.**
**Soraglar:**

1. Obada nähili işler edilýär?
2. Siz öýde nähili işlere kömek berýärsiňiz?

## Pişigimiň suraty



Bu gün hezillik
Boldy, serediň:
Galamyn aldym
Agam Merediň.

Ýöne pişigmi
Söýýärin gaty.

Soňra Jereniň
Aldym depderin.
Ilki çekesim
Geldi kepderi.

Çekeýin diýip,
Çekdim şol bada.



http://eduportal.uz

Şoň üçin ilki
Şonuň suratyn –
Surat pişige
Meňzeýär çala.
Pişik däl, göýä
Duran bir göle.

Ýöne men haýran
Galdym bir zada.
Burny meňzäp dur
Tilkiň burnuna.
Garny meňzäp dur
Sygryň garnyna.

Gulaklary-da
Towşanyňky deý.
Beýle pişikden
Pişik bormy, heý!

Siz günäkärdir
Öýdäýmäň çeken.
Pişikler asla
Öz suratyna
Meňzänok eken.

O. Ýowyýew

**Şygry labyzly okaň.**

## Matal

Taryhlardan sözleýär,
Ýagşylygy gözleýär.
Danalaryň naklyndan,
Beýikleriň aklyndan,

Sözläp aňyň aşyrar,
Güýç-gaýratyň joşdurar,
Tapdym, kaka, ol ...

**Matalyň jogabyny kim öň aý-darka?**



## 8-nji MART

8-nji Mart baýram günüdir. Bu baýram aýal-gyzlaryň halkara baýramydyr. Biziň ýurdumyzda aýallar erkekler bilen deň hukuklydyr.

Biziň döwletimiz aýallar barada köp alada edýär.

http://eduportal.uz

Watanymyzda her ýyl 8-nji Mart gününi baýram edýärler. Aýal-gyzlaryň işde gazanan üstünliklerini belleýärler.

## Soraglar:

1. Aýal-gyzlaryň baýramy haçan bellenip geçilýär?
2. Biziň hökümetimiz aýallar barada nähili alada edýär?

## Ejeler hakda

Ejem bizden ir turýar,
Ejem bizden ýatýar giç,
Ejemden işeňňiri
Göremok men asyl-hiç.

Nahar berýär ejem jan,
Ejem jan çaý demleýän.
Geplesek, ejem jandyr
Sözümizi diňleýän.

Sygyr sagýan-da ejem,
Ejem oty orýan-da,
Galam, ellik ýitirsek,
Ejemdir agtarýan-da.

http://eduportal.uz

Ejeler guwanjymyz,
Ejeler az işlesin.
Ejeleriň işine
Hemmeler kömekleşsin.

G. Çöliýew

**«Meniň ejem» diýen hekaýa düzüň.**



## Baýramçylyk sowgady

Bu gün – 8-nji mart! Eneleriň baýramy. Kakamyrat, Serdar, Ruslan dagy hem bu güne sabyrsyzlyk bilen garaşdylar. Baýramçylyk mynasybetli ejelerini gutlamak üçin olaryň hersi özüçe sowgat taýýarlapdyrlar.

Ynha Kakamyrat özleriniň mekdeplerindäki ýaş gülçüler klubynda ösdürip ýetişdirilen güli – güldanda açylyp oturan bägül bilen ejesiniň baýramyny gutlady.

Ýöne indi Serdarjyk näme sowgat ederkä?!

http://eduportal.uz

Ol howlukman beýleki otaga geçdi-de, portfelini alyp, ondan gündeligini çykardy. Soňra ejesiniň ýanyna gelip gündeligini açdy-da:

– Eje, men ynha, saňa bäşlik sowgat getirdim! – diýdi.

Ejesi gündeligi açyp görse, dogrudan-da onda bäşlik baha lowurdap durdy! Serdar baýramçylygyň öň ýanynda ene dili sapagyndan «Meniň ejem» diýen temadan düzme ýazypdyr. Düzmäni gowy ýazanlygy üçin mugallym oňa bäşlik baha goýupdyr.

Serdaryň ýazan düzmesi ýaly çagalaryň hemmesi-de şeýle ýazaýsa-dy, ene-atasynyň özleri hakda edýän aladasyny duýsady. Onda gör, nähili oňatlyk bolardy.

T. Sadykow

## Soraglar:

1. Kakamyrat ejesinininiň baýramyna näme sowgat berdi?

http://eduportal.uz

2. Serdarjyk ejesine näme sowgat etdi?
3. Siz ejeňize näme sowgat etdiňiz?
4. Serdar nähili düzme ýazypdyr?

## Hüwdüler



Ala dagyň arçasy
Mawut donuň parçasy,
Sensiň biziň öýmüziň
Täze açylan gunçasy.

Allaý-allaý, el biter,
Nar agaja gül biter.
Üç ýaşyna baranda
Saýrap duran dil biter.

Allaý-allaý allançak,
Suwlar akar bulançak,
Altmyş başly ak öýüň
Gelişigi sallançak.

Allan-allan, apaýyn,
Üstüňe mahmal ýapaýyn.
Oba giden ejeňi
Nirelerden tapaýyn.

http://eduportal.uz

## Soraglar:

**1.** Sen nähili hüwdi bilýärsiň?
**2.** Sen jigiňi hüwdülediňmi?

## Ejeme

Eje jan-a, eje jan,
Güler ýüzüň mähriban.
Senden men kemal tapdym
Bar sözüň derde derman.

Her säher sypap başym
Çykyp gideňde işe,
Eje, basym gel diýip,
Garaşýan men hemişe.

Aý-gün dursun dünýäde,
Ejem dursun dünýäde.
Ejeleri agladýan
Uruş gursyn dünýäde.

T. Gurbanow

**Goşgyny ýat tutuň.**

## Soraglar:

**1.** Seniň ejeň nirede işleýär?

http://eduportal.uz

**2.** Ejeler hakynda ýene haýsy goşgulary bilýärsiňiz?

## Çeşme

Bilýär eken
Dury çeşme,
Gowy däl,
Il bolsa teşne.

Şonuň üçin
Dagy deşip,
Belent ýerden
Pese düşüp.

Özüne ýol
Salypdyr ol.
Şeýdip oba
Gelipdir ol.

O. Ýowyýew

**Şygry labyzly okaň.**

## Çopanyň gürrüňi

Ikinji synpyň okuwçylary ýaz kanikulynyň iň soňky günlerinde çöle gezelenç etmegi ýüreklerine düwdüler.

Gyzylgum çölünde jümjümedir çigildemleriň açylan gunçalary bütin töweregi bezeýärdi. Çagalar ep-esli meýdanda aýlandylar. Birden olar bir beýik gum-

http://eduportal.uz

dan aşanlarynda, goýun sürüsine gabat geldiler. Çagalar çopan goşuna degip geçmekligi makul bildiler.

Çopan goşunda çaý içip, dynç almaga wagt bolmady. Sebäbi çopanam, çoluklaram örän başagaý ekenler. Goýunlar guzlap başlapdyr.

– Goýunlaryň guzlaýan wagty goşdan gaty daşa gidip bolmaýar. Sebäbi her sagatda diýen ýaly guzular doglup dur. Esewan bolup durmaly. Täze bolan guzyny beýleki goýunlaryň basaýmagy hem mümkin. Eger süri goşdan sähel daş bolsa, şagaldyr tilki hem ony alyp bilse aljak.

Täze bolan guzulary gutarmak gerek. Şeýle edilmese, guzular sowuklap, aýňalyp bilenok.

– Guzy doglan badyna ýöräp bilýärmi? – diýip, Jemal sorady.

– Edil doglan badyna bolmasa-da, biraz salym geçensoň guzy aýak üstünde durýar – diýip, çopan jogap berdi.



http://eduportal.uz

– Guzujyk haçan ot iýip başlaýar? – diýip, Ahmet sorady.

– Guzynyň otukmagy üçin azyndan bir hepde wagt gerek – diýip, çopan düşündirdi.

Okuwçylaryň çöle eden syýahatlary gyzykly geçdi.

**Soraglar:**

1. Okuwçylar nirä syýahata gitdiler?
2. Olara çölde näme duşdy?
3. Goýunlar näwagt guzlaýarlar?
4. Siz ýaz günleri çölde bolduňyz-my?

## Gara tut

Tut bişipdir –
Gara tut.
Dökülip dur ýere tut.
Özi ýeke bolsa-da,
Ýetjek hemmelere tut.

Uzyn-uzyn gollaryn
Aşaga gerip iýdik.

http://eduportal.uz

Kim okara,
Kim jama,
Kim käsä ýygyp iýdik.

Elimizdir ýüzümiz
Gara reňke boýaldy.
Oglanlara hiç welin
Gyzjagazlar uýaldy.

Bir-birege gülüşdik.
«Masgara-da
Masgara!»
Hemmämize tudana
Murt ýasapdyr gap-gara.

H. Şirow

**Goşgyny labyzly okaň.**

**Soraglar:**

**1.** Tut haýsy pasylda bişýär?
**2.** Tuduň peýdasy hakynda gürrüň edip beriň?

## Biler bolsaňyz ...

Torgaý ýerde ylgap gezýär. Çekirtgedir beýleki mör-möjekleri ol ylgap barşyna tutýar.



http://eduportal.uz

Torgaý saýrap bolansoň, höwürtgesiniň üstüne gonman, onuň 15–20 metrlik gapdalynda gonýar. Soňra çöpçalamyň arasy bile ýapyrylyp, höwürtgesine ylgap barýar.

Uçup barýarka saýrap bilýän guş diňe torgaýdyr.

Bilbil köplenç agşamyna saýraýar. Maý aýynda bütin gijesini saýrap geçirýär.



**Soraglar:**

1. Siz ýene haýsy guşlary bilýärsiňiz?
2. Siz bilbiliň saýraýşyna syn etdiňizmi?
3. Depderiňize guşlaryň atlaryny ýazyň.



http://eduportal.uz

## Nowruz baýramy

Halkymyň milli baýramy,
Nowruz geldi ülkämize.
Yşgyňda joşup saýradyk,
Nowruz geldi ülkämize.

Ähli ýerde toý-dabara,
Hemme joşdy bu habara,
Bu gün çar tarapa gara,
Nowruz geldi ülkämize.

Dünýä bize nazar salyp,
Iller bakdy haýran bolup,
Undulmadyk baýram bolup,
Nowruz geldi ülkämize.

Döwran Öräýew

**Soraglar:**

1. Bahar pasly hakynda nähili goşgulary öwrendiňiz?
2. Baharda biziň ülkämize haýsy guşlar uçup gelýärler?

http://eduportal.uz

3. Baharda nähili baýramlar bellenip geçilýär?
4. Bahar pasly hakynda bir goşgyny ýatdan aýdyp beriň.



**Bahar gülleriniň adyny aýdyň.**

## Tema degişli soraglar:

1. Bahar paslyna haýsy aýlar degişli?
2. Baharda howa nähili bolýar?
3. Nowruz baýramy haçan bellenilýär?
4. Bahar paslynda daş-töweregimizde nähili özgerişlikler bolýar?
5. Siz bahar pasly hakynda nähili goşgulary bilýärsiňiz?

## Bölüme degişli gaýtalamak

Öýjükleri dolduryň.

1. Gyşyň bezegi.
2. Çopanlaryň ýaşaýan ýeri.
3. Goýunyň çagasy.
4. Çopanlar suwy nireden alýarlar?
5. Ülkämize gyşda gelýän guş?
6. Atyň süýdünden alynýan önüm.
7. Çöl ösümligi.
8. Çopan itiniň ady.

| | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | G | | | | | |
| 2 | G | | | | | |
| 3 | G | | | | | |
| 4 | G | | | | | |
| 5 | G | | | | | |
| 6 | G | | | | | |
| 7 | G | | | | | |
| 8 | G | | | | | |

# EDEP – YNSAN BEZEGI

## Dogruçyl oglan

(Erteki)

Bir garybyň bir ogly bar eken. Bularyň kyrk tyllalary bar eken. Atasy bu kyrk tyllany oglunyň köne donunyň

http://eduportal.uz

ýakasyna tikip, ony söwdagärler bilen söwda etmäge iberipdir.

Ol ogluna:

– Oglum, dogruçyl bolgun, hiç wagt ýalan sözlemegin! – diýip tabşyrar eken.

Söwdagärler köp ýöräp, az ýöräp bir ýere ýetenler, olara galtamanlar duşýar we olaryň satmak üçin alyp barýan harytlaryny alypdyrlar.

Galtamanlar öz aralarynda:

– Şol köne donla şu zatlardan bereliň – diýip, maslahat edipdirler.

Olaryň biri ýaňsylap:

– Aý, köne donly, alar ýaly nämäň bar? – diýipdir.

Onda ol oglan:

– Meniň kyrk tyllam bar – diýipdir.

Onda galtamanlar gülüşip:

– Saňa meňzeşde kyrk tylla näme işlesin?! – diýipdirler.

Onda oglan donunyň ýakasyny söküp, kyrk tyllany olara görkezipdir. Onda galtamanlar:



http://eduportal.uz

– Näme üçin aýtdyň? Biz saňa gaýta pul berjekdik, indi bu puluňy hem alarys – diýipdirler.

Onda oglan:

– Zeleli ýok, maňa dogruçyl bolmagy, ýalan sözlemezligi atam nesihat etdi – diýen.

Galtamanlar muňa geň galyp, söwdagärlerden alan mallaryny gaýtaryp berip, galtamançylyk etmeklerini goýupdyrlar.

## Soraglar:

1. Ogluna atasy nämeleri wesýet edip galdyrypdyr?
2. Oglan nirä gidipdir?
3. Olara ýolda kimler duşýar?
4. Galtamanlar näme üçin alan zatlaryny yzyna gaýdyp beripdirler?
5. Dogruçyllyk barada siz näme diýip bilersiňiz?

**Çagalar, siz hem şol oglan ýaly hemişe dogruçyl boluň!**

http://eduportal.uz

## Dogry ýol

Bir patyşanyň üç sany ogly bolupdyr. Ol özüniň baýlygyny ogullaryna paýlap beripdir. Uly ogly bu pullara beýik binalar gurdurypdyr. Ortanjy ogly öz pullaryny dürli nahalça alyp bag ekmeklige sarplapdyr. Kiçi ogly bolsa pullaryny mätäçlere paýlap beripdir. Muny eşiden atasy:

– Ogullarym dogry ýoly tutupdyrlar, pullaryny dogry ulanypdyrlar – diýip, begenipdir.

**Ertekini labyzly okaň.**

**Soraglar:**

1. Atasynyň beren pullaryny ogullary nähili işlere sarplapdyrlar?
2. Ogullarynyň eden işinden atasy näme üçin hoşal bolupdyr?

http://eduportal.uz

## Meniň gapjyk tapyşym

Suwa düşeýin diýip,
Barýan wagtym ylgapjyk,
Tapdym ýoluň ugrundan,
Içi doly pul gapjyk.

Futbol oýnarym ýaly,
Pökgi alaýyn diýdim.
Gawun dilerim ýaly,
Çakgy alaýyn diýdim.

Ýazda geýerim ýaly,
Çepek alaýyn diýdim.
Gyşda geýerim ýaly,
Telpek alaýyn diýdim.

Garda gezerim ýaly,
Ädik alaýyn diýdim.
«Ýöne, iliň puluna
Nädip alaýyn?!» diýdim.

Kim ýitirdi, sesleniň,
Içi doly pul gapjyk?!
Sagbol alsam bes maňa,
Eltip berjek ylgapjyk.

H. Şirow

http://eduportal.uz

## Soraglar:

1. Oganjyk näme tapypdyr?
2. Ol nähili oglan ekeni?
3. Eger siz gapjyk tapsaňyz nädersiňiz?

## Wagtyň gadry

Çagalar, wagty tygşytlamagy öwreniň. Wagt örän gymmatlydyr. Bir minutda birnäçe işi etmek mümkin. Ir turuň, sagdyn bolarsyňyz. Sagdyn adam tiz ýadamaýar.

Wagt gymmatlydyr, ondan öndürijilikli (gowy) peýdalanyň. Bu dana sözi hemişe ýatda saklaň.

Gijeden soň daň atdygyn
Kiçi guşlar hem bilýär.
Çöp-çalamdan höwürtgesin
Öz wagtynda ýasaýar.

## Nakyllar

Altyn alma, alkyş al.
Wagtyň gitdi – nagtyň gitdi.



http://eduportal.uz

## Soraglar:

**1.** Başga nähili nakyllary bilýärsiňiz?
**2.** Sen gün tertibine amal edýär-miň?

## Meniň şeýle gyzym bar

Meniň şeýle gyzym bar,
(Basym bäşin doldurýar)
Myhman gelse, jedirdäp,
Adam baryn güldürýär.

... Bir güjüjek getirdim,
Güjük uzak gün üýrýär, –
Gyzym maňa görkezmän,
Oňa şokolad berýär.

... Bir pişijek getirdim,
Pişik dynman mawlaýar.
Pişige süýt bermeseň,
Tabaga guýp bermeseň,
Meniň gyzym aglaýar.

... Bir owlajyk getirdim,
Ajykdygy – mäleýär,

http://eduportal.uz

Selme berseň iýenok,
Alma berseň halaýar.

Gapydaky horaz hem
Içýär diňe limonad,
Ýüzün sowup, iýenok
Ak bürünçden başga zat.

Men garagol gyzyma
Ýeri, näme diýeýin?
Gowusy geläýmänkä,
Dostlarna beräýmänkä
Naharmy bir iýeýin!

A. Agabaýew

**Soraglar:**

**1.** Goşgyny labyzly okaň.
**2.** Goşguda näme hakynda gürrüň berilýär?

## Howlukmaç

Kakamyrat gaty howlukmaç!

Howlukmaçlyk elbetde gowy. Sebäbi häzir howlukmaç bolmasaň bolar ýaly däl. Döwür, durmuş örän çalt özgerýär,

http://eduportal.uz

çalt ösýär. Sähel haýal-ýagallyk etseň, durmuşdan yza galmagyň mümkin. Howlukmasaň, ýetişip bolýamy?

Ynha, Kakamyradyň hem işi, aladasy başyndan agdyk: ol ir bilen ukudan turup, gimnastika etmeli, el-ýüzüni ýuwup ertirlik edinmeli, jigisini çagalar bagyna eltip gelmeli, sazçylyk mekdebine gitmeli, öýlän bolsa okuwa barmaly, agşam sapaklaryna taýýarlanmaly. Mundan başga-da, bularyň arasynda telewizor görmeli, kino gitmeli, okamaly...

Ine, şonuň üçinem Kakamyrat howlugýar! Ýöne... howlukmaçlyk oňa hemişe peýda-da getirip duranok. Ol hasapdan öý işini ýerine ýetirende howlugýar-da, ilki garalama işlamäge derek göni depderine işleýär. Onsoň ýalňyşsa çyzyp, gaýtadan ýazýar. Depderini hapalaýar. Şonuň üçin hem pes baha alýar.

Wah, Kakamyradyň howlukmaçlygy diňe sapaklaryna taýýarlananda däl, nahar iýende-de zyýan edýär! Ejesi

http://eduportal.uz

nahary tabaga salyp äberýärem weli, ol dessine çemçäni alagada, nahardan owurtlap agzyny ýakýar. Onsoň gözüniň ýaşyny saklap bilmän oturandyr!

Eýsem, siz onuň howlukmaçlygy diňe nahar iýen mahaly ýüze çykýandyr öýdýäňizmi! Ýok. Ol hemişe-de howlugýar. Ynha, ol okuwa gidende-de ylgap gid-ýär-de, ýolda taýyp ýykylýar. Egin-eşiklerini hapalap, öýe dolanyp gelýär!

Garaz, onuň howlukmaçlygy zerarly görýän görgüsini, ýüzüniň gyzan ýerlerini sanasaň sanap oturmaly.

Aýdyp gutarar ýaly däl!

T. Sadykow

**Hekaýany labyzly okaň.**

**Soraglar:**

1. Kakamyrat nähili okuwçy?
2. Siz öý işlerini nähili ýerine ýetirýärsiňiz?
3. Eşikleriňizi nähili saklaýarsyňyz?

http://eduportal.uz

# Uly adam

Dynç alyş günüdi. Mergen eýwanda gazet okap oturan kakasyna:

– Kaka, Myrat dagy şähere gezelenje gidýär. Menem olar bilen gidäýeýin – diýdi.

– Entek sen kiçijik ahyryn. Birden azaşaýsaň nätjek! – kakasy Mergeniň kellesini sypady.

– Ulalansoň gidäý.

Mergen sesini çykarmady. Birsalymdan soň, ýene özelendi.

– Onda kanala gitsem bolarmy?

– Ol ýerik näme üçin gitjek?

– Howa yssy, suwa düşjek.

– Bolmaz. Sebäbi sen entek kiçijek. Suwda ýüzüp bileňok. Uly adam bolsaň gidäý.

Diýeni bolmadyk Mergen ýüzüni sallady-da, beýleki otaga geçdi. Kakasy oglunyň keýpiniň bozulandygyny duýup, ýerinden turanam şoldy weli, telefon jyňňyrdady.

http://eduportal.uz

Zawoddan jaň etdiler. Baş inžener bolup işleýändigi üçin ony işe gyssagly çagyrdylar. Ol egin-eşigini howlukmaç geýip durka: «Täze apparata bir zat bolandyr. Bolmasa gyssagly çagyrmazdylar» diýip, içini gepletdi.

Ol:

– Mergen, meni işe gyssagly çagyrdylar. Basym ejeň gelmeli. Içerini ýygnaşdyr – diýdi.

Mergen kakasy gidenden soň, eline sübse alyp, içerini syrdy, poly öl esgi bilen süpürdi.

Mergeniň ejesi, kakasy öýe gelende içeri tämizdi.

Mergenden hoşal bolan kakasy:

– Sen-ä, oglum, uly adam bolaýypsyň – diýdi.

– Onda men kanala suwa düşmäge gidibermeli-dä!

Kakasy onuň bu sözüne ýylgyrdy.

H. Goçmyradow

http://eduportal.uz

## Soraglar:

**1.** Mergen kakasyndan näme üçin rugsat soraday?
**2.** Mergeniň kakasy nirä gitdi?
**3.** Kakasy näme üçin Mergeni gowy gördi?
**4.** Siz öý işlerine kömekleşýärsiňizmi?

## Haýwanlar baradaky şu soraglara jogap beriň.

1. Gury ýerde ýaşaýan iň uly haýwan?
A) At B) Düýe D) Pil
2. Haýwanlaryň iň wepalysy haýsy?
A) Sygyr B) Goýun D) It

Siz şu haýwanlary haçan, nirede we kim bilen görendigiňizi aýdyp beriň.

## Nakyllary okaň we ýat tutuň

Ir turan işinden dynar.
Işlemedik – dişlemez.

http://eduportal.uz

## Ýaňyltmaç

Ol tekjede jüp dükje,
Bu tekjede täk dükje,
Täk dükjä jüp dükje,
Jüp dükjä täk dükje.

### Soraglar:

1. Ogluna atasy nämäni wesýet edipdir?
2. Oglanjyk ýolda gelýärkä näme tapýar?
3. Agzybirlik hakynda nähili nakyllary bilýärsiňiz.

# ERTEKILER

## Bagt guşy

Gadym zamanda üç dogan ýaşapdyr. Doganlaryň ulusy zergäre şägirt bolupdyr. Ortanjysy baýyň goýnuny bakypdyr. Iň kiçileri bolsa iliň ekinini ekip, oragyny orupdyr.

Günlerde bir gün doganlaryň ulusynyň ýanyna bagt guşy uçup gelipdir. Ol şeýle diýipdir:

http://eduportal.uz

– Men saňa kömek etmekçi! Islän zadyňy dile!

Doganlaryň ulusy uzak oýlanman şeýle diýipdir:

– Maňa bir halta altyn pul bolsa – bolany!

Onuň dilegi şol bada hasyl bolupdyr.

Bagt guşy soňra doganlaryň ortanjysynyň ýanyna uçup barypdyr. Ol çopana näme dilese berjekdigini aýdypdyr. Çopan bagt guşundan bir süri goýun diläpdir. Onuň dilegi hem bada-bat bitipdir.

Bagt guşy soňra kiçi dogany tapyp, onuň ýanyna gonupdyr:

– Näme dilegiň bolsa dile!

Körpe dogan:

– Maňa altynam, malam gerek däl. Maňa saglyk, agybirlik hem parahatlyk bolsa bolýar. Janym sag bolsun, zähmet çekmäge ukybymy kem etme – diýipdir.

Bagt guşy geň galyp:

– Sen näme baýlyk dilemediň? – diýipdir.

http://eduportal.uz

Körpe dogan oňa şeýle jogap beripdir:

– Baýlygyňam, hemme zadyňam sakasy saglykdyr, saglygyň bolmasa, baý bolanda näme?! Agzybirlik bilen parahatçylyk bolmadyk wagtynda bolsa dawa-jenjel başlanýar, uruş turýar. Urşuň soňy hem tozgunçylyk, gyrgynçylyk bilen gutarýar.

Onuň jogaby Bagt guşuna ýarapdyr, körpe dogana ýüzlenip şeýle diýipdir:

– Sen dilejek zadyňy bildiň. Şonuň üçin hem indi meniň senden aýrylyp girjek ýerim ýok – diýipdir.

Ertekini labyzly okaň.

**Soraglar:**

**1.** Bagt guşy nirä barýar?
**2.** Körpe dogany näme soraýar?
**3.** Birinji we ikinji doganlary näme soraýarlar?
**4.** Bagt guşy näme diýýär?



http://eduportal.uz

## Diýleni etmedik serçe

(Täjik halk ertekisi)

Bir bar eken, bir ýok eken, gadym zamanlarda bir mekanda bir garga bilen bir serçe bar eken. Garga bilen serçe dost eken. Olar nirä gitseler bile gidip, näme tapsalar bile iýer ekenler. Bahar, tomus, güýz aýlary olaryň hiç aladasy, gaýgy-gamy bolmandyr. Bir bagdan beýleki baga uçup gider ekenler. Üzüm, çekirtge, tut, erik iýip, hezil eder ekenler. Gyş ýakynlap, howa sowap başlanda garga serçä:

– Eý, mähriban dost, howa sowap barýar, indi ýagyş ýagar, gar ýagar, bize özümizi penalar ýaly jaý gerek. Gel, ikimiz oňatja öý guraly – diýipdir.

Onda serçe:

Maňa azap çekip, öý gurmak nämä gerek? Illeriň tamynyň üçeginde tä ýaz çykýança hezil edip uklap ýataryn – diýipdir.



http://eduportal.uz

– Ygtyýar özüňde. Eger şärik bolup öý gurasyň gelmese, men diňe özüm üçin guraýjak – diýipdir-de, garga öý gurmak bilen meşgullanypdyr. Serçe tä gyş düşýänçä keýpi-sapalykda ýaşapdyr. Şol ýyl ummasyz kän gar ýagyp, howa biçak sowuk bolupdyr. Serçe bir tamdan beýleki tama uçup, ýyly jaý gözläpdir. Emma tapyp bilmändir.

Ahyryn garganyň ýanyna barmaga mejbur bolup, onuň öýünden özüne orun bermegini sorapdyr.

– Sen meniň ýoldaşymam, dostumam bolsaň, öý gurmagy islemediň. Bu öýi diňe özüm üçin gurdum. Muňa ikimiz sygyşmasak gerek – diýipdir.

Serçe özelenip:

– Ömrüň uzak bolsun, gargajan, ýamanlyk ýüzüni görme, maňa rehim et, öýüňe goýbermeseň doňup ölerin – diýipdir.

– Bolýar, gir! Özüň görýäsiň, bu jaýda ikimiz ýatyp bilmeris.



http://eduportal.uz

Serçe begenip öýe giripdir. Garaňky düşüp, ýatar wagty bolupdyr. Garganyň aýdyşy ýaly, onuň öýünde serçä ýatara ýer tapylmandyr.

– Bolýa-da, seniň ullakan göwräň hem ýok, meniň aýagymyň arasyna gir-de ýatyber! – diýip, garga serçä ýer görkezipdir.

Serçe garganyň aýdyşy ýaly edipdir. Emma garganyň dyrnaklary serçäniň tenine tiken ýaly sanjylyp başlapdyr. Serçe gijäniň bir wagty gargany oýaryp, şeýle diýipdir:

– Tikenleriň tikeni
Seň aýaklaň ekeni!
Gyjyklady başymy,
Bozdy meniň düýşümi.

– Beýle bolsa, gel, meniň alkymymyň aşagynda ýatyber – diýip, garga oňa ýene-de ýer görkezipdir.

Serçe görkezilen ýerde ýatypdyr. Bu gezek onuň ýüzüne, boýnuna garganyň



http://eduportal.uz

çüňki dürtülipdir. Serçe ýene gargany oýarypdyr:

– Tikenleriň tikeni
Seniň çüňküň ekeni!
Bir çokanda ýüzümden,
Ot syçrady gözümden.

Garga:

– Başga ýer ýok, gowusy sen, tamdyryň içine girip uklaý – diýipdir.

Garganyň maslahatyny makul bilip, ol tamdyra girmekçi bolupdyr. Emma serçäniň kellesi tamdyra sygsa-da, göwresi daşda galypdyr. Serçäniň agzy külden dolupdyr. Serçe nalaç ýene-de gargany oýarypdyr.

– Püf-püf, Tüf-tüf,
Tamdyr bolarmy ondan?
Ýüz-gözüm doldy külden.

Muny eşiden garga:

– Eý serçe, «Keçjalyň jany azapdadyr» diýipdirler. Sen öz nadanlygyň bilen hem meni azara goýduň, hem



http://eduportal.uz

özüňi. Indi sen maňa azaryňy ýetirme! – diýipdir.

Serçe her zat etse-de, garganyň dar öýünde özüne orun tapmandyr. Ol bitakat bolup daşary çykypdyr. Garga irden turup görse, keçjal serçe gapynyň agzynda gatap galanmyş. Ol köne dostunyň halyna zaryn-zaryn aglapdyr. Indi aglamakdan ne peýda?!

## Soraglar we ýumuş:

1. Garga bilen serçe nähili dostdy?
2. Garga serçä nämäni teklip edýär?
3. Serçe näme üçin garganyň aýdanyny etmeýär?
4. Garganyň dostuna bolan gatnaşygyna nähili garaýarsyňyz?
5. Ertekini körpe jigileriňize özüňiz okap beriň.

http://eduportal.uz

## Nakyllary okaň we ýat tutuň

Köpüň dilegi – kölüň suwy.

* * *

Maslahatly biçilen don gysga bolmaz.

## Günäkär, sabyn

Nämüçin eliň,
Gara kir Nerli?
Ýuwaňokmy ýa
Elleriň kirni?

Ýogsam geýimlem,
Kirli däl asyl.
Wagt tapsam ýüzüm
Ýuwjak-la basym.

– Maňa bahana
Tapýaň diýýärler.
Kemçilikleriň
Ýapýaň diýýärler.

Ýöne bir zady,
Bilmegňiz gerek.
Çünki sabynlaň
Hili biderek.

Ýuwunsam-da men,
Her ýylda telim.
Aýranok sabyn
Kirlerimi meniň.

A. Akmyradow

http://eduportal.uz

**Goşgyny labyzly okaň.**

**Sorag:**

Siz mekdebe arassa geýnip gelýärsiňizmi?

## Maral bilen ejesi

– Üwre, jigiň Merjeni!<br>
– Bor, eje.<br>
– Çaý goýupdym gör şony!<br>
– Bor, eje.<br>
– Hapa gapy, penjire!<br>
– Bor, eje.<br>
– Suw ber ülje, injire!<br>
– Bor, eje.<br>
– Bulam-bujar aşhana!<br>
– Bor, eje.<br>
– Ýat tutmaly goşgam-a!<br>
– Bor, eje.

Ýa. Saparow

**Goşgyny ýat tutuň.**

http://eduportal.uz

## Soraglar:

1. Maral ejesine nähili kömek beripdir?
2. Sen hem ejeňe kömek berýärmiň?
3. Goşgyny ýat tutup ejeňe, dostlaryňa aýdyp ber?

## Akja kömelek

Mergen Baýramyň ýanyna geldi-de:

– Men on sany akja telpek tapdym – diýdi we elindäki sebedini görkezdi. Baýram onuň bu sözüne düşünmedi-de:

– Hany? – diýip sorady.

– Ine! – diýip, Mergen ýene sebedini oňa tarap uzatdy.

Baýram kömelekleri görüp, haýran galdy.

– Nireden tapdyň?

– Ýabyň ýakasyndaky ýandaklykdan.

– Ýene barmyka?

– Gidip göräýeli.

Mergen Baýramy yzyna tirkäp kömelek tapan ýerine ugrady. Ol hiç zada

http://eduportal.uz

seretmän, göni şol ýap ýakasyna barýardy. Baýramyň bolsa gözi töweregindedi. Birden çaýyrlykdaky güberçek onuň ünsüni çekdi. Ol ylgap baryp, güberçegi açdy. Akja kömelek.

– Höwür, höwür – diýip, Baýram ýene töwerege aýlanyp başlady.

Baýram ýene birnäçe kömelek tapdy.

Ýazyň ortalarynda biziň ýurdumyzyň meýdanlarynda kömelekler gögerip başlaýar. Umuman iýilýän kömelekleriň 40-a golaý görnüşi bar. Bizde ak telpekli kömelekler iýilýär.

Ýylan kömelegi zäherlidir. Ony iýmek bolmaýar. Şeýle hem köne kömelekleri almaň. Olar hem iýmek üçin zyýanlydyr.

N. Baýramow

**Hekaýany labyzly okaň.**

**Soraglar:**

**1.** Mergen näme tapdy?
**2.** Ol Baýram bilen nirä gitdi?
**3.** Sen kömelek tapdyňmy?



http://eduportal.uz

## Bal arylarynyň gazaby

Bir pil bar eken. Ol ýaşlykdan bezzat eken. Hatda uruşmakdan hem gaýtmaz ekenler. Bir gezek tokaýda holtumyny bir agajyň daşyndan aýlap, yrgyldadyp, tas ony köki bilen goparan eken. Agaçda bolsa bal arylarynyň öýjügi bar eken.

– Pil aga, öýümizi bozmasana – diýip, arylar ýalbarypdyrlar.

– Maňa siziň öýüňiz derkar däl, meniň hezil edesim gelýär, şonam edýän – diýip, pil jogap beripdir.

– Pil aga, biz saňa hezil etme diýemizok, ýöne başga agaç tapaýsana!

– Men hiç ýere gitjek däl, serediň-le, bu utançsyz mahluklara, özleri dyrnak ýaly welin zat öwreden bolýar-a – diýip, pil gaharlanypdyr.

– Pil aga, eger öýümizi dargatsaň, biz seni öldüreris – diýipdirler arylar.

– Näme etseňiz ediberiň, sizden gorkýan ýok – diýip, pil gülüpdir.



http://eduportal.uz

Arylar öýjüklerine ýygnanyp, ýaşulylar bilen maslahatlaşyp, eger pil diýenlerini etmese, ony tä ölýänçä çakmagy karar edipdirler. Arylar näçe ýalbarsa-da pil olara üns bermändir. Ahyry arylar onuň üstüne çozup, kellelerine, gözüne, gulagyna, holtumyna neşterini sokdurypdyrlar. Onuň endamy güp ýaly çişipdir. Çirkin sesi tokaýyň ähli ýerine ýaýrapdyr. Pil gaçypdyr, arylar hem onuň yzyndan galmandyrlar. Ol ahyry mejaldan gaçyp ýykylypdyr. Arylar piliň daşyny gurşapdyr-da:

– Hä, hötjet pil, indi ýagdaýyň niçik? – diýipdirler.

Pil utanjyna kellesini galdyrmandyr.

Arylar oňa:

Pil aga, sen güýjüňe baýrynyp, bizi horladyň. Ejize ganymyň soňy, ine, şeýle bolýar – diýipdirler.

**Soraglar:**

1. Bal arylary pile näme diýýärler?
2. Pil nähili haýwan?

http://eduportal.uz

3. Siz pili gördüňizmi?
4. Agzybirlik hakynda nähili nakyl bilýärsiňiz?
5. Öwrenen nakyllaryňyzy temalara bölüp depderiňize ýazyp baryň?



## Ýolda

Etrap merkezinden çykan awtobus yrgyn atyp, şähere tarap ýola düşdi. Onuň içi ýolagçylardan doludy. Oturmaga ýer ýetmänsoň olaryň aralygyndaky boşlukda birlän-ikilän dik duranlaram bardy.

Awtobus bir obanyň deňesinde durdy. Öňki işigi açylan badyna iki sany ýaşy durugşan aýal howlukmaç mündi.

Olar şol bada-da çaltlyk bilen gözlerini awtobusyň içine aýlap çykdylar. Oturar ýaly boş ýeriň ýokdugyna göz ýetiribem dik duran ýerlerinde duruberipdirler.

Bir oglan öň hatardaky orunlaryň birinde oturdy. Daýzalara gözi düşen

http://eduportal.uz

ýaňky oglan birden aljyrady. Gazet okamaga oturdy. Soňra hiç hili ukusy tutmaýanam bolsa gazeti ýüzüne penalap, uklan kişi boldy.

Hawa, ol uklan kişi boldy. Emma arka ýüzde oturan onuň iki-üç ýaşyny ýaşan iki adam ýerlerinden turup, hormat bilen öz orunlarynda ol iki daýzany oturtdylar.

A. Mäterow

**Soraglar:**

1. Ýolda nähili waka boldy?
2. Siz ol oglanyň hereketlerini nähili görýärsiňiz?
3. Siz özüňizden ululara awtobusda ýer berdiňizmi?

## Hüwdi

Saçlary pagta ýaly ak, kalby şeýle bir ýumşak bir mama ýaşapdyr. Ol çagalary gaty söýüp, olara hüwdi aýdyp terbiýelär eken. Şonuň üçin oba – goňşulary kiçijik çagalaryny mamanyň ýanyna alyp gelýän ekenler.

http://eduportal.uz

Obanyň ýakynynda, dagyň arkasynda bir ýowuz jadygöý ýaşar eken. Onuň niýeti ýaman, çagalary ogurlar eken.

Bir gün mama hüwdi aýdyp, sallançak üwräp otursa, saýany syzypdyr. Bu şol jadygöý bolsady diýip oýlapdyr we belent owazda hüwdüsini dowam etdiripdir:

Hüwwä balam, hüwwä,
Gara gözüm hüwwä.
Ynanan bagym hüwwä,
Söýenen dagym hüwwä,
Mert oglan bolup ösgün,
Ýamanlyk ýolun kesgin...

Jadygöý agajyň arkasynda oturyp bu aýdymy diňläp, ýüreginde nätanyş duýgyny syzdy. Hüwdi aýdymyny gaýtalap.

– Waý, beýle ýakymly, ömrümde beýle aýdymy eşitmedim men, – diýdi.

Şeýdip, jadygöý her güni Mamanyň ýakynyndaky agaçlaryň ýanynda hüwdi diňleýän bolupdyr. Onuň kalbynda ýamanlyk etmek däl, eýsem ynsanlara

http://eduportal.uz

ýagşylyk etmek duýgusy peýda bolupdyr.

**Tekstdäki hüwdi sözlerini tapyp okaň.**

**Soraglar:**

1. Adamlar Mamany näme üçin bu dereje gowy görýän ekenler?
2. Jadygöý näme üçin çagalary ogurlaýan eken?
3. Hüwdi aýdymy onuň kalbynda nämeleri peýda edipdir?

## Ülje

Ýör hany, ýör, jigim, Gülje,
Al eliňe piljagazyň.

Ekip berjek saňa ülje,
Çerme senem goljagazyň.

Getir piliň, Gülje jigi,
Ýör, ekeli üljejigi.

Nädip ekýänim görersiň,

http://eduportal.uz

Görseň senem öwrenersiň.
Nahaly tutup durarsyň,
Endik eder eljagazyň.

Ynha, seret, Gülje jigi,
Şeýdip ekgin üljejigi.

M. Garryýew

**Goşgyny ýat tutuň.**

**Soraglar:**

1. Sen nahal ekdiňmi?
2. Siziň bagyňyzda nähili miweler bar?

## HATYRA WE HORMATLAMA GÜNI

### 9-njy maý – Hatyra we hormatlama güni

### Biz gahryman babalarymyza guwanýarys

Biziň ýurdumyzda Hatyra we hormatlama güni Watan üçin janlaryny gurban

http://eduportal.uz



eden ata-babalarymyzy ýatlamak hem-de garrylaryň we näsaglaryň halyndan habar almak maksadynda bellenilýär. Ata-babalarymyzyň hatyrasyny hormatlamak her bir adamyň hormatly borjudyr.

Şu maksatda her ýyl biziň mekdebimizde hatyra we hormatlama gününe bagyşlap çäre geçirilýär. Bu çärä babalarymyz hem gelýärler. Biz olaryň şanyna aýdym aýdyp tans edýäris. Olary Hatyra we hormatlama güni bilen gutlaýarys. Biz gahryman babalarymyza guwanýarys hem buýsanýarys. Goý, olar uzak ýaşasynlar!



## Kepderiler

Suraý janyň öňünde,
Ýatyr surat depderi.
Depderine çekipdir,
Altyn güneş kepderi.



http://eduportal.uz

Gapdalynda ganatly,
Raketanyň suraty.
Bu niçiksi geň surat?! –
Suraý jandan soradym.

– Jeňbazlaryň emrinden,
Döräp barýan raketa.
Altyn günüň astynda,
Eräp barýan raketa.

Mawy asmanyň ýüzünde,
Gör, kepderiler gaýýar.
Dünýäniň dört künjüne,
Rahatlyk nurun çaýýar.

O. Jumaýewa

**Goşgyny labyzly okaň.**

**Soraglar:**

**1.** Kepderiler nähili reňkde bolýarlar?
**2.** Siz nähili guşlary bilýärsiňiz?
**3.** Näme üçin kepderilere parahatlyk guşy diýýärler?

http://eduportal.uz

## Älemgoşar

Ýagyşdan soň gök otlar
Hezil edip göründi.
Heýjanelek, asmanda
Älemgoşar göründi.

Owadan, gök-gyzyl
Reňklerini diýsene!
Eje, ondan özüňe
Köýnek tikip geýsene.

**Goşgyny labyzly okaň.**

## Hüýpüýpük

Bir bar eken, bir ýok eken. Bir enäniň iki gyzy bolupdyr. Onuň biri öweý eken. Ene öz gyzyna iş buýurman, öweý gyzyny gije-gündiz işledipdir. Onuň üçin gyzyň saçyny daramaga-da eli degmändir.

Bir gün eneligi oňa süýt bişirmegi buýrupdyr. Gyz gazan ataryp, süýdi

http://eduportal.uz

oňa guýupdyr-da, ot ýakyp başlapdyr. Şol arada-da ol saçyny darajak bolupdyr. Gyzyň saçy gaty uzyn hemem gür eken. Keçe ýaly ýapyşan saçyndan hiç darak geçmändir. Şeýdip güýmenip otyrka, gazandaky süýt çogup başlapdyr. Öweý enesi muny görüp, gyza: «Bar, git-de çogan süýdüň köpük-gaýmagyny tap» diýip, öýünden kowup goýberipdir.

Gyz aglaý-aglaý ýüwrüpdir, soňam birden elleri ganata, ala köýnegem ýelege öwrülipdir-de uçupdyr.

– Meniň adym Hüýpüýpük,
Tapyl maňa süýt köpük –

diýip, aýdym aýdyp, süýdüň köpük-gaýmagyny agtaryp ýörşümiş. Seretseňiz, onuň daragy başyna gysdyrylgydyr. Süýdüň dökülen köpük-gaýmagyny tapmak üçin uçup ýörşüne, häzirem onuň saçyny daramaga eli degmeýärmiş.

http://eduportal.uz

## Soraglar:

1. Siz ýene nähili ertekileri bilýärsiň?
2. Ene haýsy gyzyna köp iş buýurdy?

## Bölüme degişli gaýtalamak

Öýjüklere sözleri dogry ýerleşdirseňiz «Bedenterbiýe» sözüni taparsyňyz.

1. Nahar nämä salyp iýilýär?
2. Geçiniň erkegi.
3. Guşuň ady.
4. Nahar iýmezden öň ýuwulýar.
5. Saçagyň bezegi.
6. Öý sakçysy.
7. Agaň aýaly.
8. Gije öýi ýagtyldýar.
9. Harplaryň tertip bilen gelmegi.
10. Syçanyň duşmany.
11. Haýsy haýwan bal iýýär?
12. Elsiz, aýaksyz gapy açar.

http://eduportal.uz




## Soraglar:

1. Edebi kimden öwrenmek bolar?
2. Men-menligi pile nähili zyýan berdi?
3. Köpçülikde özüňi edepli alyp barmak hakynda nämeleri owrendiňiz?

http://eduportal.uz

4. Howlukmaçlygyň soňy nähili bolýar?
5. Bilýän nakyllaryňyzy aýdyp beriň.

## PARAHATÇYLYK WE DOSTLUK

### Agzybirlik miwesi

Bir zamanda bir pyşdyl, bir keýik,bir garga dost bolupdyrar. Bular näme iş etselerem maşlahatly edermişler.

Günleriň birinde keýik janawar duzaga düşenmiş. Gargada ýanynda eken. Ol baryp çünki bilen duzagy çözüp bilmändir.

Onsoň ol pyşdyla:

– Keýik dostumyz-a awçynyň duzagyna düşdi. Men boşadyp bilmedim. Sen synanyşmasaň, boljak däl. Men uçup ýol görkezeýin – diýen.

Onda pyşdyl:

– «Zak-zak» edip uçup gitme-de, garynja tümmegi ýaly üýşmejik gum görseňem gonup git. Meni şeýdip keýi-



http://eduportal.uz

giň üstünden eltmeseň, görýän ýerim barmy? – diýen.

Garga pyşdylyň aýdyşy ýaly edip, pyşdyly keýigiň ýanyna alyp barypdyr. Pyşdyl duzagyň kirişlerini ýeke-ýekeden çeýnäp kertipdir-de keýigi boşdypdyr.

Onsoň ol keýigi boşadan ýerlerinden gaçmagy maslahat edipdirler.

Pyşdyl janawar şu bela mytdyldap gitse hem hiç ýol önderip bilmändir. Keýik bilen garga hem pyşdyly taşlap, ondan aýrylyp gidip bilmändirler. Iň ýamany pyşdylyň yzy ýerde ýol ýaly bolup ýalpyldap ýatanmyş. Şol wagt şemal hem turmandyr.

Basym duzagyň eýesi gelipdir. Görse keýik düşen eken weli, bir zat duzagy kertip boşadypdyr. Ol töweregine ser salanda, pyşdylyň yzy görnüpdir. Duzagyň eýesi pyşdylyň yzyny yzarlap bir salymdan pyşdylyň yzyndan ýetipdir-de:

– Aý, pyşdyl, dur entek, ozalam gämigimi az gyran dälsiň. Sen bed-

http://eduportal.uz

nebisi ýokarky çanagyňdan bir dyndaraýyn! – diýip onuň üstüne topulypdyr.

– Keýik janawar durup bilmän, pyşdylyň beýle gapdalyna ýykylypdyr. Duzagyň eýesi: «Ynha, maňa aw, belki duzaga düşen keýikdir, aýagyny agyrdandyr» – diýip, oňa topuldy.

Duzagyň eýesi ýetiberende, keýik turup gaçyp, elli-altmyş ädime baryp ýene ýykylypdyr. Duzagyň eýesi keýigi ýene kowalapdyr. Ol adam ýetiberebde keýik ýene gaçypdyr. Bular şeýdişip, esli gidýärler. Ahyrynda gün batyberende keýik dars-dars edip, gözden gaýyp bolupdyr. Şeýdip keýigem pyşdyly ölümden halas edipdir.

Hojageldi Nurmyradow

**Soraglar:**

1. Haýsy haýwanlar dost bolupdyr?
2. Keýigi pyşbaga nädip boşadýar?
3. Keýik pyşbaga nähili kömek berýär?

http://eduportal.uz

4. Hany aýdyň, näme üçin pyşbaga hemişe kömege mätäç bolýar?

## Iki ýoldaş

Iki ýoldaş tokaýyň içi bilen barýarkalar, öňlerinden bir aýy çykypdyr. Ýoldaşlaryň biri gorkusyna gaçypdyr-da agaja dyrmaşyp, bagyň pür-pudagyna bukulypdyr. Beýlekisi bolsa ýere ýazylyp, demini alman diýen ýaly ýatyberipdir.

Aýy onuň ýanyna gelipdir, ýüzünden-gözünden ysgaşdyrypdyr, diri däldir öýdüpdir-de gidiberipdir.

Aýy gür tokaýa sümüp gidensoň, baga dyrmaşan bagdan düşüp gelipdir-de:

– Ýeri, aýy seniň gulagyňa näme çawuş çakdy? – diýip gülüpdir.

Ýoldaşy bolsa oňa:

– «Üstüňe howp abananda ýoldaşyňy ýeke taşlap gaçýan ýaramaz adamdyr» diýdi-la? – diýip jogap beripdir.

http://eduportal.uz

## Dostluk hakynda nakyllar

Dost dogandan ileri.
Dost dogrusy kinesiz.
Dost dostdan dönmez.
Dost dostuň arkasy.
Dost dostuň aýnasy.
Dost dostuň çyrasy.
Dost dostuň galkany.
Dost durmuşyň manysydyr.
Dostsuz adam – ganatsyz guş.
Dostsuza dünýä garaňky.
Doganyň dost bolsun, dost – dogan.



# TOMUS ÇAGYNDA

## Ikatýok

Gadym zamanda bir baý bolupdyr. Onuň maly ýere-göge sygmandyr. Goýun-geçi bilen birlikde bir süri gylýaly

http://eduportal.uz

hem bar eken. Zady näçe köp bolsa, ol şonça-da gysganç bolupdyr. Malyny ýitiren çopana baý örän berk jeza berer eken.

Atlary çopan öz oguljygy bilen bile çölde bakýan eken. Kakasy oba gidende, oglanjyk iki sany aty ýitiripdir. Ol baýyň aýagyna ýykylyp, «Iki at ýok» diýipdir. Baý gazaplanyp: «Bar, agtar, ýogsam gamçy iýersiň» diýip, ony kowup goýberipdir. Oglan dagydüzi, giň sährany söküpdir. Atlary ol hiç ýerden tapmandyr. Yzyna dolanmaga-da gorkupdyr. Ol bir gum depesiniň üstüne çykyp: «Arman, ganatym ýok, ýogsam atlary derrew gözläp tapardym» diýip, gaýgyly oturypdyr.

Ine, ol bir seretse, gollary ganata öwrüläýenmiş. Depäniň üstünden bat alyp, ol uçup ötägidipdir. Şoldur-şol ol daglaryň, baglaryň üstünde ganat kakyp, ymgyr Garagum çölüniň depesinde aýlanypdyr.



http://eduportal.uz

Şindem onuň şol «Ikatýok» diýip, gygyryp uçup ýörşi. Emma ýitiren atlaryny welin henizem şol tapyp bilmän ýörşi boldy.

Ine, köşek, Ikatýok hakdaky ertek-ä şeýle gutarýar.

Ikatýok belli bir ýerde höwürtge-de edinip bilenok. Onuň üçin başga guşlar ýaly ýumurtgasyny özi basyp, çaga-da çykarmaýar. Şu häsiýet guşlarda diňe Ikatýoga degişli. Munuň sebäbi bolsa, onuň mesgen tutup, ýumurtga basyp oturmaga wagty ýok. Şonuň üçin ol ýumurtgany başga guşlaryň höwürtgesinde goýýar.

Höwürtgäniň bikesi bolsa del ýumurtgany hem özüniňkidir öýdüp basýar-da, ikatýogyň çagasyny çykarýar. Ol çykan çagalaram uçurym bolan ata-enesine at gözlemäge kömek edip, «Ikatýok» heňini çalyp başlaýarlar.

http://eduportal.uz

## Soraglar:

1. Baý nähili adam bolupdyr?
2. Baý oglana näme diýipdir?
3. Oglan näme üçin guşa öwrülipdir?
4. Ikatýok guşy barada nämeleri bilýärsiňiz?

## Düýe çaly

Deň-duş oglanlar bolup ertir irden köle balyk tutmaga gitmegi maslahatlaşdyk.

Ertesi ir bilen enem meni sypdyrmady. Ol:

– Ilki düýäni örä kowup gel! Soň islän ýeriňe git – diýdi.

«Düýäni nirä kowandygymy enem duýmaz-la. Ol haýsy ýerde otlanda näme» – diýdim-de, kekreli meýdana kowdum ...

Biz günuzyn kölüň boýunda bolup, çeňňek bilen balyk tutduk. Suwa düşdük. Gün ýaşmanka oba geldik. Düýä-

http://eduportal.uz

miz eýýäm ýatagyndadady. Enem ondan sagyp alan süýdüni gorküýzesine eň-terdi. Soňra gorküýzäni çaýkap-çaýkap, agaç çanaga çal guýup maňa uzatdy. Çaly başyma çekmek üçin çanagy ýokary göterip, oňa dodagymy basdym. Birinji owurdy zordan ýuwudyp, başymy galdyrdym:

– Çal öt ýaly-la, ene!

Enem geňirgenip, maňlaýymy elläp gördi.

– Nähoşlap dagy eden dälsiň-dä?

– Men tut ýaly sag. Gorküýzä bir ajy zat gaçandyr?!

Enem gorküýzedäki çaly başga bir gaba boşatdy. Onuň düýbüni barlady. Hiç zat gaçmady. Ol soňra meniň ýüzüme seretdi-de:

– Dogryňdan gel, düýäni haýsy ýere kowdyň?

– Kekreli meýdana.

– Gördüňmi? Bir küýze çaly harama çykardyň!

http://eduportal.uz

Düýäniň süýdüniň tagamy iýýän höregine baglydygyny şonda bilip galdym. Şondan bäri düýämizi kekreli ýeriň golaýyna-da eltmeýän, mydama ýandakly ýerde bakýaryn.

O. Guwanjalyýew

**Ata-eneňizden düýeçalyň saglyk üçin ähmiýetini sorap, bilenleriňizi depderiňize bellik ediň.**

## Bölüme degişli gaýtalamak

Öýjükleri dogry doldursaňyz «Düýe çaly» sözüni okarsyňyz (Düýe çaly hekaýasyndan peýdalanyň).

1. Çal nämeden edilýär?
2. Süýdi nämä salyp çal edilýär?
3. Düýe nähili ot iýende süýdi ajy boldy?
4. Balygy näme bilen tutdular?
5. Düýe haýsy ösümligi gowy görýär?
6. Balygy nireden tutdular?

http://eduportal.uz




## Biler bolsaňyz ...

Düýäniň gözüniň iki gabagy bolýar. Onuň aşaky – ýukajyk, ýaldyrawyk gabagy gözüne çäge düşmekden goraýar.

Düýä iki ýüz elli kilograma çenli ýük ýüklemek bolýar. Ol şeýle mukdardaky ýük bilen her günde 30 kilometr ýol geçip bilýär. Düýeler bir hepdeläp hiç zat iýmän-içmän gezip bilýärler.

http://eduportal.uz

## Soraglar:

1. Oglanlar nirä gitdiler?
2. Düýäniň çaly näme üçin ajy bolupdyr?
3. Düýäniň beýleki haýwanlardan tapawudy nähili?

## Ýaz gyrkymy

Ýaz paslynyň bir güni,
Başlandy goýun gyrkym.
Gyrkylygy işledip,
Başaraýmaz, bil her kim.

Gyrkymçylar özleri,
Gyrkýar örän çalasyn.
Boş duran ganar bary,
Ak ýüňden dolýar basym.

Birbada geň göründi,
Baranymdan ýakynlap.
Gyrkymçylaň işini,
Indi duramok synlap.

http://eduportal.uz

Taýýar duran ýüňleri,
Ganarlara salýaryn.
Olara kömek berip,
Mydam alkyş alýaryn.

P. Öwezliýew

**Goşgyny labyzly okaň.**

**Soraglar:**

**1.** Ýüň nämeden alynýar?
**2.** Ýüňden näme edilýär?
**3.** Siz halynyň nähili dokalyşyna syn etdiňizmi?

## Köşejik

Mähirlidir ýaşajyk,
Egri boýun köşejik.
Patanaklap «bö» edip
Eder oýun köşejik.

Taýjagazdan uly ol,
Söýýär otluk çöli ol,
Haşal ýa körpe bolsun,
Ýa ýandak, arpa bolsun.



http://eduportal.uz

Syryp, düýrüp ýörendir.
Ot seljermez, horandyr.
Iýsin – iýmesin, mydam
Gäwüşäpjik durandyr.

A. Baýmyradow

**Goşgyny ýat tutuň.**

Öý haýwanlary hakynda nähili goşgulary bilýärsiňiz?

## Çöl haýwanlary

Ýolbars, gaplaň, gulan, keýik, towşan, tilki, şagal, möjek ýaly haýwanlara çöl haýwanlary diýilýär.

Bu haýwanlar çölde, dagda, tokaýda ýaşaýarlar. Olar özlerine we çagalaryna iýmiti dürli ýollar bilen agtarmaly bolýarlar. Çöl haýwanlary üçin gyş pasly kyn we agyr pasyldyr. Şoňa görä-de olar gyşda has horlanýarlar.

Çöl haýwanlary özlerinden ejiz haýwanlary awlaýarlar.

http://eduportal.uz

## Soraglar:

1. Nähili haýwanlara çöl haýwanlary diýilýär?
2. Gyşda çöl haýwanlary nähili gyşlaýar?
3. Siz ýene nähili çöl haýwanlaryny bilýärsiňiz?
4. Goraghana näme?

### Keýik

Men çöldäki beýik-beýik,
Depeleri gören keýik.
Alaňlardan böküp bilýän,
Ymgyr çöli söküp bilýän,
Tüweleý dek atylaryn,
Awçylardan gutularyn.



### Aýy

Güýçli, batyr haýwan men,
Hiç zatdan heder etmen.
Sowuk hem, güýçli gar hem
Maňa edip bilmez kär –
Egnimde possunym bar.



http://eduportal.uz





## Ýolbars

Men, zorlaryň biri men,
Tokaýlaryň şiri men.
Meni gören gaçybir,
Bar haýwanlar piri men.

K. Taňrygulyýew



## Zemzen

Garnyn çägä oýkap gezer,
Zemzen käte suwda ýüzer.
Gaharlansa haýbatlydyr,
Zat degmeseň, paýhaslydyr.





http://eduportal.uz

## Towşan



Sazaklaryň düýbünde,
Gizlendi çalja towşan.
Ajygan wagty çykyp,
Kertipjik iýýär towşan.

## Tilki

Gezýän ýeri çöl-beýewan,
Tilki bir gelşikli haýwan.
Guýruklary sümek ýaly,
Köplenç aldamak hyýaly.



## Gaplaň

Gaplaňyň göwresiniň uzynlygy üç metre, agramy üç ýüz kilograma ýetýär. Ýolbarsyň agramy weli gaplaňyňkyça ýokdur. Gaplaň awuny bukuda ýatan ýerinden, örän okgunly topulyp tutýar. Gaplaňyň kuwwatly aýaklary demir ýaly berk, pyçak ýaly ýiti dyrnaklary, penjeleri bolýar.

http://eduportal.tz



Gaplaň bir günüň dowamynda ýedi kilogram et iýýär. Gaplaň suwda gowy ýüzýär. Käte derýalardan hem hiç bir päsgelsiz çalt ýüzüp geçip gidýär.

Ene gaplaň her iki-üç ýyldan bir gezek bahar aýlary çagalaýar. Onuň iki-dört çagasy bolýar. Gaplaň çagalaryny iki aýa çenli ene süýdi bilen ekleýär. Soňra kem-kemden ete öwrenişdirýär. Çagalary özlerini tutandan soň, ene gaplaň olary yzyna tirkäp äkidip, aw etmegiň tärlerini öwredýär.

N. Baýramow

http://eduportal.uz

## Soraglar:

1. Gaplaň nähili haýwan?
2. Gaplaň suwda ýüzüp bilýärmi?
3. Ene gaplaň haçan çagalaýar?
4. Ol çagasyny näme bilen ekleýär?

## Tilki

Gapan gurdy bir tilki.
Çukur gazdy ol ilki.
Tilki tutup gapanyň
Ýaýyny ykjam depdi.
Çukurjykda goýdy-da,
Üstüne gumdan sepdi.

Gapan bildirmez ýaly
Tekizledi mazaly.
Sübseledi gapany.
Tilkijik hiç düýrükmän.
Gapan şarka ýazdy-da,
Ildi sübse guýrukdan.

Geldiler ol towşanlar,
Ylgap ýapydan aşyp.



http://eduportal.uz

Towşanlar şeýle diýip,
Güldüler jykyrdaşyp:
«Guran gapanyňa, tilki,
Özüň düşäýdiň ilki!»

K. Taňrygulyýew

## Nakyl

Ýakma – bişersiň, gazma – düşersiň.

## Pil

Jigi, meniň
Adym pildir.
Ýaşap ýörşüm.
Üç ýüz ýyldyr.
Geldim Hindi ýurdundan
Güneşli ülkäňize
Agyr-agyr ýükleri
Göterşeýin men size.

K. Taňrygulyýew

**Goşgyny ýat tutuň.**

http://eduportal.uz

## Soraglar:

1. Başga nähili çöl haýwanlaryny bilýärsiňiz?
2. Siz bu haýwanlaryň haýsy birini, nirede gördüňiz?

### Bölüme degişli gaýtalamak

Öýjükleri dogry doldursaňyz öý haýwanlaryň adyny okarsyňyz.

1. Öý we suw guşy.
2. Ýük daşaýan öý haýwany.
3. Towugyň çagasy.
4. Goýunyň çagasy.




http://eduportal.uz

# SYNPDAN DAŞARY OKUW

## TILKI WE GEÇI

(Türk ertekisi)

Günlerde bir gün tilki guýa gaçypdyr we çykyp bilmändir. Şol wagt şol ýerden bir geçi geçip barýan eken. Geçi tilkini görüp:

– Bu suw süýjümi? Içip bolýarmy? – diýip sorapdyr. Tilki hem mekirlik edip, suwy öwüp başlapdyr welin, geçiniň hem ondan suw içesi gelipdir. Soňra tilki geçä:

– Ol ýere durma, gel, aşak düş – diýipdir. Geçi hem onuň sözlerine ynanypdyr. Sebäbi geçiniň dili suwsuzlykdan ýaňa damagyna ýapyşan eken. Ol hiç hili pikir etmän, aşak düşüpdir. Geçi suwdan ganyp:

– Hawa, tilki dost, indi bu ýerden nädip çykarys? – diýipdir.



http://eduportal.uz

Tilki:

– Sen hiç alada etme, men bu ýerden ikimizi hem çykarmagyň ýoluny bilýärin. Sen ilki bilen öň aýaklaryňy diwara dire, şahyňy hem ýokary galdyr, men dyrmaşyp çykyp, soňra seni çekip çykararyn – diýipdir. Geçi bu pikire derrew razy bolupdyr. Tilki dostunyň ilki arkasyna, soňra şahyna çykyp, guýynyň agzyna dyrmaşyp, guýudan çykypdyr we ol ýerden uzaklaşypdyr. Muny gören geçi:

– Biz beýle gürleşmändik ahyryn! Sen sözüňde durmaýarsyň? – diýen dessine tilki yzyna öwrülip:

– Akmak! Seniň akylyň bar bolsa, nädip çykjagyňy bilmän, guýa düşermidiň? – diýip, öz ýoly bilen boluberipdir...

«Akylly adam soňunyň nähili gutarjagyny pikir etmän, hiç bir işe baş goşmaly däldir».

http://eduportal.uz

# HAKYKY DOST

(Hekaýa)

Muhammet bilen Seýran dostdular. Olar hiç haçan bir-biriniň göwnüne degmezdiler, edil dogan ýaly gowy görüşerdiler. Bir gün olaryň okaýan mekdebinde okuwçylaryň arasynda ylgamak boýunça ýaryş geçirildi. Ýaryşda synp okuwçylary iki-ikiden ýaryşyp, bäş ýüz metr aralyga ylgamak boýunça öz ukyp-başarnyklaryny görkezmelidi. Ýaryş diýseň çekeleşikli gidýärdi. Her kim ýeňiji bolmagyň arzuwyndadady. Bu ýaryşda Muhammet Seýran bilen bile ylgamaly boldy. Ine-de, mugallym olara yşarat etdi. Olar pellehana tarap okduryldylar. Birdenkä Muhammet ylgap barýarka, büdräp ýykyldy. Muňa gözi düşen Seýran hem ylgamasyny bes etdi-de, yzyna dolandy. Ol «Tur dost» diýip, Muhammede elini uzat-



http://eduportal.uz

dy. Bu pursaty synlap duran mugallym ýylgyrdy-da, «Ine, hakyky dostluk» diýip, okuwçylara ýüzlendi. Hatar duran synp okuwçylaryň arasyndan «Bolmalysy hem şeýle-dä. Dostuňa hormat goýsaň, edil öz doganyň ýaly gowy görseň, büdrände, ýykylanda goltgy berseň, seniň hakyky dostdugyňa güwä geçýär» diýen ses eşidildi. Onýança okuwçylaryň biri: – «Özüňi süýt bil, dostuňy gaýmak» diýen nakyly hem bar-a – diýip seslendi. Mugallym okuwçylardan ýaňky nakylyň manysyna düşünişlerini sorady. Okuwçylar bu soraga örän jaýdar jogap berdiler. Mugallym:

– Berekella, hemişe bütin durky pähim-parasada, öwüt-nesihatlara ýugrulan nakyllara uýup ýaşamalysyňyz – diýdi.

Soňra Muhammet bilen Seýran täzeden ylgamaga başladylar. Muhammetden biraz öňe giden Seýran garşy



http://eduportal.uz

yzyna seredip ylgaýardy. Seýranyň yzyna, ýagny Muhammede bakyp ylgap barşyny bolsa mugallym-da, okuwçylar-da uly höwes we guwanç bilen synlaýardylar.

## OBADA

(Hekaýa)

Okuw ýylynyň tamamlanyp barýan döwürlerinde meniň ýüregimde ýakymly arzuwlar peýda bolup başlady. Ol meniň oba gitmek baradaky arzuwlarymdy. Ynha, biz basym tomus dynç alşyna çykarys. Onsoň, biz... Biz diýýänim – jigim ikimiz.

Hawa, dynç alyş günlerine çykdyk. Ejem-kakam dagy bilen biz oba tarap ýola düşdük. Ulagymyz ojar, selin ýaly ösümlikleriň ösüp oturan sary çägeligini ikä bölüp ýol bilen gidip barýardy. Jigim Maýsa bolsa ulagyň aýnasyndan daş-töweregini synlap barşyna:

http://eduportal.uz

– Şu wagt çägede aýakýalaňaç ýöräp oýnasaň-da... – diýip, ýüregindäki arzuwyny aýtdy.

– Menem şonuň pikirini edip otyrdym – diýip, jigimiň gürrüňine goşuldym. Kakam ulagyň badyny gowşadyp, ýoluň gyrasynda saklady. Biz köwşümizi çykaryp, çägelige tarap ylgadyk. Çäganiň gyzgynlygy sebäpli, biz derrew köwşümizi geýmeli bolduk. Ýöne bu ýeri, gör nähili hezillik. Üýşmek çäge depesi tolkun atyp dur. Oňa dyrmaşyp çykjak bolsaň, aýagyň typyp, ep-esli aşak gaýdarsyň. Jigim ikimiz birsellem güýmendik. Kakam: «Hany, indi gideliň. Garaňky düşmänkä oba aşmaly» diýmedik bolsa, biz entegem eglenerdik. Ýolda kakam öz çagalygy bilen baglanyşykly birnäçe gyzykly wakalary gürrüň berdi. Biz onuň täsirli gürrüňleri bilen nädip oba ýetenimizi hem bilmän galypdyrys.

http://eduportal.uz

Obanyň bir çetinden girenimizde, goýun bakyp ýören özüm ýaly oglanlary, gumak çägede oýnap ýören çagalary gördüm. Köçäniň gyrasyndan geçýän kiçiräk ýabyň iki tarapy bolsa gür baglykdy. Bu agaçlar meniň görýän agaçlaryma meňzeş däldi. Şahalary ýogyn, ýapraklary bolsa kiçijekden gürdi. Kakam olara garap söwüt diýilýändigini, ony täze jaýyň depesini basyrmaga, pil sap ýasamaga ulanylýandygyny, bu agaçlaryň obada köp ekilýändigini gürrüň berdi. Biz uly ýabyň köprüsinden geçip, atamlara tarap öwrüldik. Bu ýaba oba adamlary «Monjukly» diýýän ekenler.

– Kakam, biz Monjukly ýapda suwa düşeliň-dä – diýip, haýyş etdim. Kakam:

– Bu ýerde suwa düşmek gorkuly. Birden suw akdyraýmasyn – diýdi.

Şol gün men özüm ýaly oglanlar bilen kiçeňräk ýaba suwa düşmäge



http://eduportal.uz

gitdim. Ýabyň suwy az eken. Üstesine, gaty çuň hem däldi. Jigim Maýsajyk suwa düşmän ýabyň gyrasyndaky çägeden öýjagazlar ýasamaga başlady. Birden ýabyň has ýalpak ýerinde ýüzüp barýan balyga meniň gözüm ildi. Çalasynlyk bilen hereket edip, men ony tutdum we begenjime duran ýerimde elimdäki balygy ýokary galdyryp:

– Balyk tutdum-eý, balyk tutdum – diýip gygyrdym. Oglanlar maňa tarap ylgap gaýtdylar. Ýabyň gyrasynda duran jigim bolsa:

– Ol janaweri goýberäýsene. Oňa diýseň nebsim agyrýar – diýip özelendi. Maňa jigimiň sözi täsir etdimi ýa-da meniň hem balyga nebsim agyrdymy, ony suwa goýberdim. Ýetip gelen oglanlar:

– Ony nädäýdiň-eý. Goýbermeli däl ekeniň – diýişdiler.



http://eduportal.uz

– Goý, ol erkana ýüzsün – diýip, men jigimiň şatlygyna goşuldym. Şeýlelik bilen, meniň obadaky gezelenjimiň bir güni tamam boldy. Obada başga-da köp gyzykly wakalar bolup geçdi. Ol wakalar bir-birinden has gyzykly. Men olar hakynda indiki gezek gürrüň bererin.

Hekaýalary sizem jigileriňize okap beriň.

## PARASATLY WEZIR

(Erteki)

Gadym-gadym zamanlarda özüne gaty göwni ýetýän bir patyşa bar eken. Ol akyllylykda we dilewarlykda özüne taý tapylmaz öýdüp gezer eken. Onuň bar işi-pişesi özi ýaly dilewar we akylly adamy gözläp tapmak eken. Wagtal-wagtal ýönekeý geýimde ilatyň arasyna çykyp, obadan-oba aýlanyp

http://eduportal.uz

kä baýyňkyda, kä garybyňkyda myhman bolup, ýatyp-turup şeýle adam agtarar eken.

Şeýlelikde, ol oba-oba aýlanyp gezip ýörkä, bir gün bir garybyň öýüne myhman bolýar. Bir gije onda ýatýar. Olar bar zatlaryny gaýgyrman, myhmana ir ertirden, giç agşama çenli hyzmat edýärler.

Patyşanyň bar maksady oglany gepletmek, onuň akylyny synamak bolany üçin, gijesi bilen onuň gözüne uky gelmeýär. Gijäniň köpi geçýänçä ol oglan bilen gepleşip, ony hem ýatyrmaýar. Patyşa her bir zat hakda gürrüň etse, oglan hem ondan pes oturmaýar. Pikirini dürli mysallar bilen delillendirip, örän maňyzly sözler bilen has manyly gürleýär. Ahyrda myhman oglandan:

– Sen mollada okadyňmy? Näçe ýyl okadyň? – diýip soraýar.

Onda oglan:

http://eduportal.uz

– Mollada diňe üç-dört aý okadym. Elipbiýden zordan çykdym Garypçylyk okamaga goýmady. Dogry, durmuşdan welin, öwrenýän zadym kän. Akylly bolmak üçin okamak gerek, okamak üçin bolsa, bol-telki we rahat ýaşamak gerek. Ol hem bizde ýok – diýip, sözüni soňlaýar.

Olar şol gije ýatýarlar. Daň atýar, Gün dogýar. Myhman ertirden soň hem öý eýesi bolan ol oglan bilen tä günortana çenli gürleşip oturýar. Oglanyň manyly geplemegi, her bir zady mysallar bilen baglanyşdyryp aýtmagy, onuň dilewarlygy myhmanyň maňzyna batýar. Şonuň üçin ol öz özüne: «Şu oglany öz ýanyma alsam, okatsam, belki-de özümden hem dilewar we akylly adam bolup ýetişer» diýýär. Ahyrda hem öz pikirini makul bilip oglana:

– Men indi gaýdaýyn. Maňa besdir. Gaýdarlygymy edindim – diýip,



http://eduportal.uz

jübüsinden bir penje pul çykaryp, öý eýesine berýär hem-de:

– Entek muny geregiňize sowuň. Soňuny hem özüm ýetirerin. Şu çaka çenli garyp ýaşapsyňyz. Indi bol-tekli hem ýaşap başlaň – diýip, hoşlaşýar-da, gös-göni öýüne gaýdýar.

Ol gün we gijesi hem geçýär. Oglan irden ejesi bilen bazara gidýär. Öňi bilen bir halta bugdaý hem-de bir halta jöwen alýarlar. Düşener ýaly iki sany gülli keçe alýarlar. Ejesine köýneklik, çabytlyk mata we tikmek üçin her dürli sapak alýarlar.

Şonluk bilen olar keçeli we bol-tekli nanly bolýarlar. Eneli ogul ikisi iki ýerden:

– Myhman-a Hudaý beren ýaly edäýdi. Soňy bilen bolsun-da hernä – diýşip, ol güni gijesi bilen begenişip geçirýärler.

Ertesi gün günorta bolanda bir atly atyny çapdyryp, gös-göni bularyň

http://eduportal.uz

öýüne gelýär. Saglyk-amanlykdan soň, öý eýesi oglan ýaňky gelen atla:

– Atdan düşüň, çaý içiň – diýýär. Onda atly howlukmaç:

Şu öýüň eýesi senmi? Sen bolsaň, gel, atyň ardyna atlan, gideli. Seni patyşa çagyrýar. «Derrew gelsin» diýdi – diýip, oglany öz ygtyýaryna goýman, alyp gidýär. Aty aldygyna çapyp, şol günüň özünde gün gijigiberende oglany patyşanyň köşgüne getirýär. Oglan gol gowşuryp, salam berip hökümdaryň garşysynda durýar. Oglan, patyşa geýminde, daş-töweregi janpenaly we birnäçe wezirli, ullakan derejäniň eýesi bolany üçin patyşanyň öz myhmanydygyny oý hem etmeýär.

Patyşa bu oglana garap:

– Sen näme üçin ýaş başyňdan beýle işlere baş goşýarsyň? Näme, öýüňi ogry ýatagy etmek isleýärmiň? Öýüňe myhman bolup gelen ogry bilen näme diýişdiň? Ogry indi kimiň

öýüni ýykmakçy bolup gitdi? Ýalan sözleseň özüň üçin ýagşy bolmaz! Şony bilýärmiň? – diýýär.

Oglan ilkibada gorksa-da, patyşany pugta diňläp we gepleýşine üns berip, gorkyny-ürkini ýadyndan çykarýar. Patyşanyň öz öýünde myhman bolan adamdygyny sesinden tanaýar. Onuň üçin äwmezlik bilen:

– Patyşamyz! Düşnükli zada düşünmedik bolmak, ýersiz ýere yrsaran ýaly bolýar. Kim myhman bolan wagtynda içi hem özi möjek bolan bolsa, ol myhmany men hem bilýärin, myhmanyň özi hem ony bilýär. Häzir şol myhmanyň daşyňyz tanalmaz ýaly jäjek bolanyny men hem bilýärin, myhmanyň özi hem bilýär – diýýär.

Oglanyň tanandygyny bilip, patyşa oglana:

– Geç, otur. Sag-aman geldiňmi? Patyşa näme çagyrdyka? – diýip, eneň gorkan bolaýmasyn. Indi men seni hiç


http://eduportal.uz

ýere goýberjek däl. Molla berip okatjak. Soň hem öz iş başarnygyňa görä, iş berip işletjek – diýýär. Onda oglan:

– Näme-de bolsa, men siziň aýdanlaryňyza razy – diýýär.

Patyşa oglany okadýar. Oglanyň özi hem örän yhlasly okaýar. Mollanyň oňat okatmagy we özüniň yhlasly okamagy bilen ol sanlyja ýylyň içinde doly ylymly adam bolup ýetişýär. Patyşa ýigidi özüne wezir edinýär.

## Aýy bilen balary

(Erteki)

Bir bar eken, bir ýok eken. Gadym-gadym zamanlarda gür tokaýlygyň içinde bir aýy ýaşar eken. Günler geçipdir, aýlar geçipdir. Gyş pasly hem ýetip gelipdir. Hälki aýynyň azygy gutarypdyr. Ol azyk gözläp ýola düşüpdir.

Aýy az ýöräpdir, köp ýöräpdir, bir agajyň köweginiň üstüne barypdyr. Görse, ol balarylaryň jaýymyş. Aýy muňa

http://eduportal.uz

begenip, balaryny çagyrmaga durupdyr. Ol agajy yralap:

– A-how balary dost, hany oýansana, daşary çyksana – diýip, gygyryp başlapdyr. Balary onuň sesine daşary çykypdyr.

Aýy balara:

– Dost jan, meniň azygym gutardy, maňa iýer ýaly bal bersene-diýip, ýalbaryp başlapdyr.

Balary biraz oýlanypdyr-da: «Saňa bu gara gyşda nädip bal tapaýyn. Gowusy, sen maňa her dürli güllerden çöpläp getirip ber. Onsoň saňa bal beräýerin» – diýipdir.

Aýy balary bilen razylaşyp gülüň gözlegine çykypdyr. Tokaýyň hemme ýerini aýlanyp, birje gül hem tapmandyr. Ol ýene-de balarynyň ýanyna gelipdir we hiç ýerden gül tapmandygyny aýdypdyr. Balary bolsa oňa gül getirmese bal berip bilmejekdigini aýdypdyr-da, öýne giriberipdir. Aýy bol-



http://eduportal.uz

sa henizem balarydan bal aljak bolup ýörenmişin.

Lew Tolstoý. rus ýazyjysy

## Bürgüt

Bürgüt deňizden uzakda, uly ýoluň ýakasynda oturan beýik agaçda höwürtge ýasanyp, jüýje çykardy.

Bir gün şol agajyň golaýynda bir topar adam işläp ýörkä, bürgüt uly balygy penjesine alyp, höwürtgesine getirýärdi. Adamlar muny görüp guşuň höwürtgesini daşlap, gykuwlaşyp başladylar.

Bürgüt balygy ýere taşlady we adamlar ony alyp gitdiler.

Bürgüt höwürtgesine gonanda jüýjejikler jürkäldeşip, ondan iýmit dilediler.

Bürgüt ýadawdy, onuň gaýtadan deňze gitmäge ýagdaýy ýikdy, ol höwürtgesine girip, jüýjelerinden göýä sabyr etmegi soraýan ýaly, olary ganaty bilen ýelpeşdirdi, olaryň ýelejiklerini düzediş-



http://eduportal.uz

dirdi. Bürgüt jüýjelerini bagryna basdygyça, olar gaty jürküldeşýärdiler.

Bürgüt olaryň ýanyndan uçup, bagyň çür başyna gondy.

Bürgüt jüýjejikleri öküden-de zaryn jürküldeşýärdiler.

Bürgüt birden haýbatly gygyrdy-da, gujurly ganatlaryny ýaýyp, deňze tarap agraslyk bilen uçup gitdi. Ol yzyna giç agşam dolanyp geldi: ol pessaý, ýeri gyratlap uçýardy, bu gezek hem onuň penjesinde uly balyk bardy.

Ol baga ýakynlanda golaý-goltumda adamlar bar bolaýmasyn diýip, töwerek-daşyna göz gezdirdi we derrew ganatlaryny ýygnap, höwürtgesine gondy.

Bürgüt jüýjeleri başlaryny galdyryp, agyzjagazlaryny açdylar, ene bürgüt balygy bölüşdirip, olary iýmitledi.

## Ýumuş we sorag:

**1.** «Iki ýoldaş» hekaýasynyň mazmunyny aýdyp beriň.

http://eduportal.uz

**2.** «Bürgüt» hekaýasy näme barada?

## Jigim bile

«Jykyr-jykyr» güle-güle,
Okaýarys jigim bile.
«Kikir-kikir» güle-güle,
Oýnaýarys jigim bile.

«Pykyr-pykyr» güle-güle,
Kino görýäs jigim bile.

Alýarys biz güle-güle,
Gülek adyn jigim bile.

Myratgeldi Söýegow

### Soraglar we ýumuş:

**1.** Sapakdan daşary okan goşgularyňyzdan haýsysy size ýarady?
**2.** Okan hekaýalaryňyzy jigileriňize-de okap beriň?

http://eduportal.uz

# MAZMUNY

ÖZBEGISTAN – WATANYM MENIŇ.........3
Meniň Watanym ....................................6
Esger agama...........................................8
GYŞ PASLYNDA ....................................9
Gyş ..........................................................9
Aýazly gün ............................................10
Biler bolsaňyz .......................................11
Halk ýorgudy .........................................11
KITAP BILIM ÇEŞMESIDIR....................14
Mekdebe barýan ....................................14
Internet ..................................................15
Mugallym sözi .......................................16
DANA BABALARYMYZ..........................18
Emir Temur.............................................18
Mürze Ulugbek.......................................21
Abu Ali ibn Sina.....................................22
Alyşir Nowaýy .......................................23
Nanyň ysy ..............................................26
Magtymguly Pyragy ...............................27
BAHAR GELDI ÜLKÄME........................30
Ýaz geldi ................................................30
Gyş bilen hoşlaşyk.................................31
Obada.....................................................32
Pişigimiň suraty.....................................33

http://eduportal.uz

8-nji mart ..........................................................35
Ejeler hakda ......................................................36
Baýramçylyk sowgady .................................37
Hüwdüler ..........................................................39
Ejeme ..................................................................40
Çeşme .................................................................41
Çopanyň gürrüňi ...........................................41
Gara tut ..............................................................43
Biler bolsaňyz ................................................44
Nowruz baýramy ..........................................46
EDEP – YNSAN BEZEGI ............................48
Dogruçyl oglan ................................................48
Dogry ýol ..........................................................51
Meniň gapjyk tapyşym ..............................52
Wagtyň gadry ..................................................53
Meniň şeýle gyzym bar ...............................54
Howlukmaç ......................................................55
Uly adam ...........................................................58
ERTEKILER ......................................................61
HATYRA WE HORMATLAMA GÜNI ........79
PARAHATÇYLYK WE DOSTLUK ..............86
Agzybirlik miwesi .........................................86
Iki ýoldaş ..........................................................89
TOMUS ÇAGYNDA … ..................................90
Ikatýok ..............................................................90
Düýe çaly ..........................................................93
SYNPDAN DAŞARY OKUW ....................107

W36 **Welbegow, Gurbanberdi.**
Okuw kitaby: 1-nji synp üçin / G. Welbegow, G. Abdullaýewa, K. Hallyýew. Dokuzynjy neşir – D.: «O‘zbekiston», 2019. – 128 s.

I. Abdullaýewa, Gülbahar II. Hallyýew, Kamiljan.

ISBN 978-9943-01-733-7

**UO‘K 811.512.164(075)**
**372.41(075)**
**KBK 81.2Tur-93**

*O‘quv nashri*

GURBANBERDI VELBEGOV, GULBAHOR ABDULLAYEVA,
KOMILJON XOLLIYEV

# O‘QISH KITOBI

Ta’lim turkman tilida olib boriladigan umumiy
o‘rta ta’lim maktablarining 1-sinfi uchun darslik

1-sinf uchun
*(Turkman tilida)*

To‘qqizinchi nashr

Original-maket «O‘zbekiston» nashriyot-matbaa ijodiy uyida tayyorlandi.
100011, Toshkent, Navoiy ko‘chasi, 30.

Suratçy *A. Çaplenko,* Redaktor *J. Metýakubow,*
Çeper redaktor *K. Zakirowa,* Tehredaktor *L. Hijowa,*
Korrektor *J. Metýakubow,* Kompýuter wýorstkaçysy *N. Ahmedowa*

Neşirýat lisenziýasy AI №158, 14.08.2009.
2019-njy ýylyň 23-nji ýanwarynda çap etmäge rugsat edildi.
Ölçegi $70x90^1/_{16}$. Ofset kagyzy. «Arial» garniturasy. Kegli 19.
Ofset usulynda çap edildi. Şertli neşir listi 9,36. Neşir listi 9,75.
1076 nusgada çap edildi. Sargyt № 423.

«Sharq» neşirýat-çaphana paýdarlar kompaniýasynyň
Baş redaksiýasynyň çaphanasynda çap edildi.
100000, Daşkent, Beýik Turan köçesi, 41.

http://eduportal.uz